**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:**
**– HÄZIRKI DÖWÜRDE AK MERMERLI AŞGABAT «AZIÝANYŇ MERJEN ŞÄHERI» HÖKMÜNDE YKRAR EDILIP, DÜNÝÄNIŇ IŇ OWADAN WE ÝAŞAMAK ÜÇIN AMATLY ŞÄHERLERINIŇ BIRINE ÖWRÜLDI.**


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

21-nji ýanwar, 2022. Belgisi 3/1465


# AŞGABAT ÄHLI BABATDA NUSGALYK ŞÄHER BOLAR

*19-njy ýanwarda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Aşgabat-siti» iri ýaşaýyş toplumynyň gurluşygyna degişli meseleler bilen tanyşmak üçin ak mermerli paýtagtymyzyň demirgazyk künjegine bardy.*



Döwlet Baştutanymyz «Aşgabat-siti» ýaşaýyş toplumynyň dürli maksatly desgalarynyň gurulmagy üçin seçilip alnan ýerleriň derejesini hem-de bu künjegiň tebigy aýratynlyklaryny synlady. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, paýtagtymyzda we onuň töwereklerinde ýokary ekologik ýagdaýyň saklanmagynyň möhüm talap bolup durýandygyny belledi. Munuň özi dürli maksatly binalaryň taslamalary taýýarlanylanda we gurluşyk işlerinde nazara alynmaly esasy şertleriň biridir. Hormatly Prezidentimiz bu ýerde görkezilýän taslamalar, dürli maksatly binalaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary bilen tanyşdy.

Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň «Aşgabat-siti» gurulýan desgalaryň direksiýasynyň ýolbaşçysy Ş.Durdylyýew bu ýerde görkezilýän şekil taslamalary, gurulmagy teklip edilýän dürli maksatly binalaryň görnüşleri we olaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary barada hasabat berdi. Bu ýerde görkezilýän taslamalaryň hatarynda Aşgabat şäherinde gurulmagy meýilleşdirilýän ýaşaýyş toplumynyň teklip edilýän baş meýilnamasy, ýollaryň teklip edilýän çyzgysy hem-de belent gatly ýaşaýyş jaýlaryny gurmak bilen baglanyşykly taslamalar bar. Şeýle hem «akylly» öýüň enjamlaryny dolandyrmak, dolandyrylyşyň awtomatlaşdyrylan ulgamy, suw, gaz we beýleki ulgamlary aralykdan dolandyrmak, «akylly» şäheriň dürli ulgamlary, şol sanda elektro awtoulag düzümi barada maglumat berýän şekiller görkezildi.

«Aşgabat-siti» gurulýan desgalaryň direksiýasynyň ýolbaşçysy bular barada hasabat bermek bilen, «Aşgabat-siti» taslamasyny durmuşa geçirmek boýunça halkara bäsleşigiň yglan edilendigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, täze şäheriň gurluşygynda maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalaryny, internet ulgamlaryny, şeýle hem sanly ulgamy utgaşdyrmak konsepsiýasynyň amala aşyrylmalydygyny belledi we ýaşaýyş düzümleriniň ähli ugurlarynyň täzeçil tehnologiýalaryň kömegi arkaly dolandyrylmagyna möhüm ähmiýet bermegi tabşyrdy.

Şunuň bilen baglylykda, bu ýerde şäher ilatynyň ýokary derejeli ýaşaýşy üçin ähli amatlyklar göz öňünde tutulmalydyr. Munuň özi ýurdumyzda amala aşyrylýan we «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary baş ýörelge edinýän döwlet syýasatynyň talaplaryna doly laýyk gelmelidir diýip, milli Liderimiz belledi we bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Ýurdumyzyň gurluşyk we binagärlik ministri G.Orunow Gurbansoltan eje şaýolunyň ugrunda gurulmagy teklip edilýän Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň binasynyň taslamalary barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, taslamalar bu ýokary okuw mekdebiniň talyplary tarapyndan taýýarlanyldy.

Milli Liderimiz görkezilen taslamalar bilen tanşyp, olara belliklerini aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Hormatly Prezidentimiz bilim edaralarynyň teklip edilýän binalarynyň taslamalary taýýarlanylanda, häzirki zamanyň ýagdaýyndan we dünýä tejribesiniň gazananlaryndan ugur alynmalydygyny belledi we bu babatda işleri talabalaýyk derejede alyp barmagy, görkezilen taslamalaryň täzeden işlenilmegi barada ministre anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Aşgabat şäheriniň häkimi R.Gandymow paýtagtymyzda bar bolan inženerçilik-zeýkeş we lagym ulgamlarynyň ýagdaýy we şäheriň çäklerinde ýerasty suwlaryň derejesini peseltmek, şeýle hem bu ulgama degişli desgalary gurmak boýunça teklip edilýän taslamalaryň görnüşleri, olaryň geçiriljek ýerleriniň çyzgylary barada hasabat berdi. Şeýle hem häkim paýtagtymyzyň Parahat 7 ýaşaýyş toplumynyň çäklerinde gurluşygy alnyp barylýan ýaşaýyş jaýlaryndaky we beýleki desgalardaky işleriň ýagdaýy hem-de paýtagtymyzda gurulmagy teklip edilýän ýaşaýyş jaýlarynyň taslamalary barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz bu ugra degişli desgalaryň gurluşygynyň taslamalary we onuň bilen baglanyşykly gurluşyk işleriniň maksatnamasy taýýarlanylanda, ylmyň gazananlaryna möhüm üns berilmelidigini, şeýlelikde, bu işlere ylmy esasda seljermeleriň geçirilmelidigini belledi. Şäheriň çäkleriniň yzygiderli giňelýändigini, onuň çäklerinde medeni-durmuş maksatly binalaryň gurluşyklarynyň batly depginlerde dowam edýändigini nazara alyp, degişli inženerçilik desgalarynyň, dürli maksatly binalaryň we lagym ulgamlarynyň gurluşygyna jogapkärçilikli we ylmy taýdan esaslandyrylan derejede çemeleşilmelidir diýip, milli Liderimiz belledi we bu babatda häkime anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow Aşgabat şäheriniň köçelerini döwrebaplaşdyrmak boýunça işlenip taýýarlanylan taslamalary we oturdylmagy meýilleşdirilýän duralgalaryň, yşyklandyryş ulgamynyň we ýol belgileriniň şekil taslamalary, olaryň görnüşleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz soňky ýyllarda sazlaşykly ösüş ýoluna düşen paýtagtymyzyň çäklerinde ýerine ýetirilýän gurluşyk, abadanlaşdyryş we abatlaýyş işleriniň ähli görkezijiler babatda nusgalyk derejede bolmalydygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, şäheriň köçeleriniň we beýleki desgalarynyň durkuny täzelemek işlerinde häzirki zamanyň ösen tejribesi hem-de ylmyň gazananlary işjeň ulanylmalydyr. Bu ugurda ýerine ýetirilýän işlere täzeçil tehnologiýalar, sanly ulgam ornaşdyrylmalydyr diýip, milli Liderimiz belledi.

Soňra döwlet Baştutanymyz bu ýerde iş maslahatyny geçirdi. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, häzirki döwürde ak mermerli Aşgabat «Aziýanyň merjen şäheri» hökmünde ykrar edilip, dünýäniň iň owadan we ýaşamak üçin amatly şäherleriniň birine öwrüldi. Soňky ýyllarda paýtagtymyzda etraplar tutuşlygyna döwrebap ýagdaýa getirildi. Täze iri ýaşaýyş toplumlary bina edilip, durmuş hem-de beýleki maksatly köp sanly desgalar guruldy.

Şoňa görä-de, şäher ajaýyp binagärlik çözgütleri bilen täze desgalaryňdyr kaşaň binalaryň gurulmagy netijesinde barha gözelleşýär. Biz geçen ýyl şäheriň demirgazygynda ägirt uly, döwrebap we täzeçil taslamanyň durmuşa geçirilmegine badalga berdik. Bu taslamada dünýä tejribesinde giňden ulanylýan şähergurluşyk çözgütleri we milli binagärlik däpleri öz beýanyny tapar diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam edip, paýtagtymyzdaky täze şähere öwrüljek «Aşgabat-sitiniň» Baş meýilnamasynyň şekil taslamasyna laýyklykda, 200-den gowrak binany öz içine alýan bu ägirt uly toplumda 12-den 35 gata çenli belent binalaryň gurulmagynyň göz öňünde tutulýandygyny belledi. ■ 2

## ULAG DIPLOMATIÝASY: dünýä ähmiýetli başlangyçlar



Ata Watanymyz rowaçlyklaryň ýoly bilen öňe barýar, täze sepgitlere eýe bolýar. Şeýle ösüşler ýurdumyzyň ähli pudaklarynda, hususan-da ulag ulgamynda hem gazanylýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, halkara we sebit derejesinde ulag-logistika ulgamyny ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Milli Liderimiziň öňdengörüjilikli hem-de parasatly teklipleri esasynda ulag ulgamynda öňe sürülýän başlangyçlar dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolýar. Hususan-da, döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy boýunça 2014-nji, 2015-nji, 2017-nji we 2021-nji ýyllarda durnukly ulag ulgamynyň ösdürilmegi boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary biragyzdan kabul edildi. Şeýle hem 2016-njy ýylyň noýabr aýynda ýurdumyzda Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji Ählumumy maslahat geçirildi. ■ 3

## WATAN MUKADDESLIGI ýürekleriň buýsanjy



Türkmen serkerdeleri şanly taryhymyzyň dowamynda mertligi, batyrlygy, ajaýyp adamkärçilik sypatlary bilen tapawutlanyp gelipdirler. Çünki, olar ylym-bilimden ýüki ýetik, söweş tilsimlerini oňat bilýän, sahy-jomart, halal, adalatly, ynsanperwer, her bir adam bilen gürleşmegiň medeniýetini bilýän şahsyýet bolupdyrlar.

Oguz han döwründen başlap geljekki serkerdeler boljak oglanlar atabegler tarapyndan okadylyp, terbiýelenip ýetişdirilipdir. Atabegler olara dünýä dillerini, aýratyn hem söweş we serkerdelik tilsimlerini öwredipdirler. Türkmen serkerdeleriniň ýeňiş gazanmaklaryna atabegleriň öwreden tilsimleri kömek edipdir.

Hormatly Prezidentimiziň «Mertler Watany beýgeldýär» atly eserinde türkmen serdarlarynyň biri, ýiti pähim-paýhasly, edermen Keýmir serdar barada şeýleräk bir rowaýat bar. ■ 3

## BEÝIK MAKSATLARYMYZ bedew bady bilen dowamat-dowam bolsun!



18-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatyna iş saparyny amala aşyrmagynyň öňüsyrasynda ady rowaýata öwrülen Pereňiň nesil ugruna degişli Gözbaş we Keýkilhan atly bedewlerden bolan gurtmele taýçanagyň doglandygy baradaky buşluk habaryny eşidip, Halkara ahalteke atçylyk sport toplumyna bardy. Munuň özi «Halkyň Arkadagly zamanasy» diýen şygar bilen geçýän täze, 2022-nji ýylyň ilkinji günleriniň şatlykly wakasy boldy. ■ 2

## Köpasyrlyk dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary ösdürilýär

*Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Serdar Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň wekiliýeti Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäherine iş saparyny amala aşyrdy we bu ýerde sebitara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de netijeli ösdürmek, ikitaraplaýyn söwda-ykdysady we syýasy-diplomatik gatnaşyklaryň esasy ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen duşuşyklary geçirdi.*



Bu sapar hormatly Prezidentimiziň 2021-nji ýylyň oktýabr aýynyň başynda Özbegistan Respublikasyna üstünlikli amala aşyran resmi sapary bilen baglylykda möhüm ähmiýete eýedir. Şonda ýokary derejede geçirilen gepleşikleriň dowamynda milli Liderimiz ynamyň we özara düşünişmegiň häzirki derejesi Türkmenistana we Özbegistana öz gatnaşyklaryny geljegi nazarlap ynamly ýola goýmaga, halkara syýasatyň wajyp meseleleri boýunça çemeleşmeleri ylalaşmaga, ykdysadyýetde, söwdada, maýa goýum işinde, medeni-ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlygyň uzak möhletleýin meýilnamalaryny kemala getirmäge mümkinçilik berýändigini nygtady.

Ýokary hem-de hökümet derejelerinde özara saparlaryňdyr duşuşyklaryň hem-de daşary syýasat edaralarynyň we işewür toparlarynyň ugurlary boýunça gatnaşyklaryň yzygiderli häsiýetde bolmagy döwletara aragatnaşyklaryň okgunly ösdürilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Özara bähbitlere hem-de tutuş sebitiň abadançylygynyň maksatlaryna kybap gelýän dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgeleri bu gatnaşyklaryň özenidir.

Bu gün türkmen-özbek gatnaşyklary üstünlikli ösüş ýoluna düşdi. Dostlukly döwletleriň Liderleri – Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Şawkat Mirziýoýewiň tagallalary netijesinde, soňky wagtda daşary syýasat ulgamynda gatnaşyklary pugtalandyrmak boýunça anyk ädimler ädildi. Söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň täze gurallary işläp başlady hem-de ynsanperwer ulgamdaky gatnaşyklar yzygiderli giňeldilýär.

Daşkent şäherine iş saparynyň çäklerinde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Serdar Berdimuhamedowy Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew kabul etdi.

Dostlukly döwletiň Baştutany Özbegistanyň netijeli türkmen-özbek gatnaşyklaryny dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri hem-de umumy bähbitler esasynda pugtalandyrmaga we ösdürmäge ygrarlydygyny tassyklap, ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň rowaçlanmagyna goşýan uly şahsy goşandy üçin hormatly Prezidentimiziň adyna hoşallyk sözlerini beýan etdi. ■ 2

## SEBIT HYZMATDAŞLYGYNYŇ möhüm ugurlary



Häzirki döwürde Türkmenistan döwletimiz dünýä bileleşigine ygtybarly ykdysady hyzmatdaşlygyň oňyn nusgasyny görkezýär. «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgesini daşary ykdysady strategiýasynyň esasy ýörelgesi hökmünde kabul eden hormatly Prezidentimiz ilkinji nobatda ýakyn we goňşy ýurtlar bilen özara bähbitli gatnaşyklaryň has-da pugtalandyrylmagyna möhüm ähmiýet berýär. Şu nukdaýnazardan, hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça ýurdumyzyň ykdysadyýet toplumyna gözegçilik edýän Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygyndaky ýurdumyzyň wekiliýeti Eýran Yslam Respublikasynda hem-de Özbegistan Respublikasynda iş saparynda bolup, ilkinji nobatda, söwda-ykdysady ugurdaky hyzmatdaşlygyň has-da pugtalandyrylmagy babatda möhüm gepleşikleri geçirdi we özara gatnaşyklary pugtalandyrjak iňňän wajyp ylalaşyklar gazanyldy. ■ 3



### Ýewropa parlamentiniň BAŞLYGY SAÝLANDY

Ýewropa parlamentiniň başlygy wezipesine maltaly Roberta Metsola saýlandy. Metsola 705 agzasy bolan parlamentiň 458 wekiliniň sesini aldy. Bu wezipä 4 dalaşgär gatnaşdy. ■ 4



### Näme üçin agaçlar DOŇMAÝARKA?

Agaçlaryň gyşda ähli ýapraklaryny düşürýändigi hemmelere mälimdir. Ýöne agaçlaryň gurak sowukda nädip guraman galýandygyny bilmek gyzykly bolsa gerek. ■ 5




### FIFA ýylyň iň GOWULARYNY SAÝLADY

Dünýä futbolynyň hojaýyny FIFA ýylyň iň gowularyny – «The Best» baýraklarynyň ýeňijilerini mälim etdi. FIFA-nyň Şweýsariýadaky ştab-kwartirasynda geçirilen dabara baýrak alanlar onlaýn ýagdaýda gatnaşdylar. ■ 7

# AŞGABAT ÄHLI BABATDA NUSGALYK ŞÄHER BOLAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz ýerine ýetirilýän işlerde iň soňky «smart», ýagny «akylly» tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hem-de her binadyr desgany sanly ulgamyň enjamlary bilen üpjün etmegiň, sanlylaşdyrmagyň ýokary tehnologiýaly ulgamyny ornaşdyrmagyň zerurdygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz iş maslahatynyň barşynda Aşgabat şäher häkimliginiň gulluklarynyň we ugurdaş düzümleriniň ýolbaşçylarynyň, hünärmenleriniň alyp barýan işleri baradaky hasabatlaryny diňledi.

Degişli gulluklaryň ýolbaşçylary hasabatlarynda ýurdumyzyň baş şäheriniň binagärlik aýratynlygy, gurulmagy teklip edilýän dürli maksatly desgalaryň taslamasyny taýýarlamak boýunça ýerine ýetirilýän işler we onuň esasy ugurlary barada giňişleýin maglumatlary berdiler.

Hormatly Prezidentimiz şäher ilatynyň durmuş üpjünçiliginiň hem üns merkezinde saklanylmalydygyny, paýtagtymyzyň çäklerinde bar bolan gök zolaklaryň giňeldilmelidigini we şäheriň toprak-howa şertleriniň nazara alnyp, bag nahallarynyň oturdylmalydygyny belledi. Şeýle hem ýurdumyzyň gurluşyk toplumynda gazanan oňyn tejribeleri «Aşgabat-siti» ýaşaýyş toplumynyň gurluşygynda işjeň ulanylmalydyr. Bu işler bilen bir hatarda şäher ilatyna edilýän hyzmatlaryň görnüşleri artdyrylmalydyr hem-de hili gowulandyrylmalydyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we bu babatda birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Soňra Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory P.Orazow häzirki döwürde institutda ýurdumyz üçin zerur binagärleri, taslamaçylary we gurluşykçylary taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler, bu ugra degişli okuw sapaklarynyň maksatnamasyny döwrüň talabyna laýyk derejede kämilleşdirmek babatda döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň gurluşyk senagaty üçin zerur bolan hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebinde geçilýän sapaklaryň, amaly okuwlaryň tejribede utgaşdyrylmagynyň, şunda gurluşyk babatda dünýäniň ösen tejribesiniň we häzirki zaman ylmynyň gazananlarynyň netijeli öwrenilmeginiň häzirki döwrüň möhüm talaby bolup durýandygyna ünsi çekdi we bu babatda rektora birnäçe tabşyryklary berdi.

Senagat we gurluşyk önümçiligi ministri B.Annamämmedow milli Liderimiziň tabşyrygyna laýyklykda, ýerli çig mallardan gurluşyk senagaty üçin zerur serişdeleri taýýarlamak, türkmen topragynda bar bolan magdan serişdelerini ylmy taýdan öwrenmek ugrunda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň gurluşyklaryny zerur serişdeler bilen doly üpjün etmegiň häzirki döwrüň wajyp talabydygyna ünsi çekip, ýerli çig mallardan taýýarlanylýan gurluşyk serişdeleriniň hiline we olaryň berkligine möhüm ähmiýet bermegi tabşyrdy. Bu ugurda öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine toplumlaýyn esasda çemeleşilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz degişli tabşyryklary berdi.

Soňra gurluşyk we binagärlik ministri G.Orunow ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurulýan medeni-durmuş maksatly binalaryň gurluşyk işleriniň depginlerini ýokarlandyrmak, oňa dünýäniň ösen tejribesini işjeň ornaşdyrmak, şeýle hem bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alnyp barylýan maksatnamalaýyn işler barada hasabat berdi.

Milli Liderimiz häzirki döwürde tutuş ýurdumyzda bolşy ýaly, Aşgabat şäherinde giň möçberli taslamalaryň birnäçesiniň amala aşyrylýandygyny belledi. Ýerine ýetirilýän gurluşyk işlerinde ýokary hil derejesiniň üpjün edilmegi, olaryň bellenilen möhletlerde gurlup ulanmaga berilmegi häzirki döwrüň möhüm talaby bolup durýar diýip nygtady.

Soňra Aşgabat şäheriniň häkimi R.Gandymow şäheriň ähli düzümleriniň gulluklarynyň işini kämilleşdirmek, paýtagtymyzyň çäklerinde arassaçylygy, abadançylygy yzygiderli ýola goýmak, şol bir wagtyň özünde şäher ilatynyň durmuş üpjünçiligini döwrüň talabyna laýyk derejede kämilleşdirmek ugrunda degişli gulluklaryň sazlaşykly işiniň üpjün edilýändigi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň baş şäherinde alnyp barylýan işleriň ähli görkezijiler babatda nusgalyk bolmalydygyny belledi. Şunda şäher düzümleriniň işini talabalaýyk guramak, oňa täzeçil tehnologiýalary we häzirki zamanyň ösen tejribesini ornaşdyrmak, şeýlelikde, ak mermerli paýtagtymyzyň gulluklarynyň sazlaşykly işini ýola goýmak meselelerine aýratyn ähmiýet berilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz bu babatda häkime degişli görkezmeleri berdi.

Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň «Aşgabat-siti» gurulýan desgalaryň direksiýasynyň ýolbaşçysy Ş.Durdylyýew hasabat bermek bilen, bu ýerde emele geljek täze ýaşaýyş toplumynyň ýerleşjek ýeriniň ylmy taýdan barlag işlerini toplumlaýyn esasda geçirmek, gurluşyga ýokary tehnologiýaly ulgamy ornaşdyrmak we bu ugurda bar bolan dünýä tejribesini öwrenmek meselelerine möhüm ähmiýet berilýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, tutuşlygyna täzeçil usullara, häzirki zaman ýörelgelerine esaslanýan «Aşgabat-siti» ýaşaýyş toplumynda gurulmagy meýilleşdirilýän desgalaryň we binalaryň döwrebap binagärlik çözgüdine eýe bolmagyna aýratyn üns berilmelidigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz täze ýaşaýyş toplumynyň gurluşygyna taýýarlygyň çäklerinde alnyp barylýan işleriň depginleriniň pesdigine ünsi çekip, işleri talabalaýyk guramakda haýal-ýagallyga ýol berilýändigi üçin gurulýan desgalaryň direksiýasynyň ýolbaşçysynyň işine nägilelik bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz işleri degişli derejede ýola goýmagy berk talap etdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow ýurdumyzyň gurluşyk senagatynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, gurluşyk işleriniň 2022-nji ýyl üçin bellenilen meýilnamasy we onda kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmegiň ugurlary barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmekde milli Liderimiziň sargytlaryndan we häzirki zamanyň ösen tejribesinden ugur alnar.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumynyň öňünde durýan wezipeleriň wajypdygyna ünsi çekip, olary üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, ak mermerli Aşgabadyň Garaşsyz, Bitarap Watanymyzyň paýtagty bolmakdan başga-da, halkara ähmiýetli çäreleriň geçirilýän merkezine öwrülendigini belledi. Şoňa görä-de, paýtagtymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynda we maýa goýum maksatnamasynda şäher häkimliginiň we onuň müdirlikleriniň amala aşyrmaly işleri doly göz öňünde tutulmalydyr. Paýtagtymyzda ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga, jemagat hyzmatlarynyň hilini düýpgöter ýokarlandyrmaga, pudagy düýpli döwrebaplaşdyrmaga uly üns berilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz halkymyzyň ýaşaýyş jaý üpjünçiligini has-da gowulandyrmak maksady bilen, paýtagtymyzy bezeýän ajaýyp binalaryňdyr jemagat desgalarynyň gurluşygynyň giňden alnyp barylmalydygyny, bar bolan ýaşaýyş jaýlarynyň durkuny häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk getirmek we daş-töweregini abadanlaşdyrmak işleriniň yzygiderli geçirilmelidigini belledi. Bu işler aşgabatlylaryň ýaşaýyş-durmuşynyň ýokary derejesini üpjün etmek bilen olaryň yhlasly zähmet çekmegi we dynç almagy üçin oňaýly şertleri döreder.

Umuman, Aşgabat özüniň belent derejesine laýyklykda, ähli babatda, şol sanda abadançylyk hem-de amatly şertleri bilen öňdebaryjy, sanly tehnologiýalar, bezeg we ekologiýa babatda nusgalyk şäher bolmalydyr diýip, milli Liderimiz belledi.

Döwlet Baştutanymyz berkarar döwletimiziň baş şäherini mundan beýläk-de çalt depginler bilen ösdürmek we hemmetaraplaýyn abadanlaşdyrmak boýunça hemmämiziň öňümizde uly wezipeleriň durýandygyny belläp, ak şäherimiz Aşgabadyň bütin dünýäde abadançylygyň hem-de gülläp ösüşiň nusgalyk merkezine öwrüljekdigine ynam bildirdi.

# Köpasyrlyk dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary ösdürilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bellenilişi ýaly, döwletara gatnaşyklaryň ýokary derejesi, açyklygy we aýdyňlygy gatnaşyklary giň ugurlar boýunça ösdürmäge, şol sanda söwda-ykdysady, ulag, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygynyň uly kuwwatyny durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär.

Duşuşyga gatnaşyjylar ileri tutulýan ugurlarda bilelikdäki tagallalary işjeňleşdirmäge ygrarlydyklaryny nygtap, köpasyrlyk dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryna esaslanýan türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.



Şeýle hem Daşkende iş saparynyň çäklerinde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Serdar Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýeti Özbegistan Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary, maýa goýumlar we daşary söwda ministri S.Umurzakow bilen duşuşyk geçirdi. Taraplar ozal gazanylan ylalaşyklar we uzak möhletleýin geljek bilen baglylykda, türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň meseleleriniň giň gerimini ara alyp maslahatlaşdylar.

Özara haryt dolanyşygynyň möçberlerini ep-esli artdyrmaga we diwersifikasiýalaşdyrmaga, maýa goýumlaryny çekmäge, täze iri taslamalary amala aşyrmaga, işewür gatnaşyklary pugtalandyrmaga şu günki gün ähli şertleriňdir mümkinçilikleriň bardygy nygtaldy. Bu meseleleri çözmekde bilelikdäki hökümetara topara uly orun berilýär.

Saparyň çäklerinde ýurdumyzyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň hem-de Özbegistanyň işewür toparlarynyň wekilleriniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek barada birnäçe resminamalara gol çekildi.

Türkmen wekiliýeti üçin Daşkendiň tehnoparkynda ýaýbaňlandyrylan senagat we oba hojalyk sergisine gezelenç guraldy. Sergide bu ulgamlardaky geljegi uly, ýokary tehnologik taslamalar barada giňişleýin maglumat berilýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň wekiliýetiniň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm ugurlary boýunça geçiren iş duşuşyklary netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny tassyklady. Bu hyzmatdaşlyk Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Şawkat Mirziýoýewiň özara ynanyşmak gatnaşyklary, dostlukly döwletleriň Liderleriniň alyp barýan parahatçylyk söýüjilik syýasaty netijesinde ýyl-ýyldan täze many-mazmuna eýe bolýar.

# Beýik maksatlarymyz bedew bady bilen dowamat-dowam bolsun!

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Milli Liderimiz halkymyzda geçmişde hem täze taýçanak dünýä inse, bu habaryň, edil çaga dünýä inen ýaly çar töwerege buşlanýandygyny we oňa mynasyp at dakylýandygyny belläp, taýçanaga Zaman diýip at goýdy hem-de «Geljek 30 ýyly öz içine alýan täze döwre niýetlenen beýik maksatlarymyz bedew bady bilen geljege dowamat-dowam bolsun!» diýdi. Paýhasly pederlerimiz «At – myrat» diýipdirler. Hormatly Prezidentimiz gadymdan gelýän milli däplerimize eýerip, Ogulabat ejäniň ören alajasyny ýagşy arzuwlar bilen taýçanagyň boýnuna dakdy.



Şunuň bilen baglylykda, şol gün hormatly Prezidentimiziň atçylyk toplumlaryny döwrebaplaşdyrmaga, atlaryň saklanyş şertlerini hem-de tohumçylyk işini has-da kämilleşdirmäge, atçylyk sportuny we seýisçilik sungatyny ösdürmäge hem-de atşynaslaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga niýetläp, «Türkmen atlary» döwlet birleşigine pul serişdelerini bölüp bermek barada Karara gol çekendigini bellemek gerek.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe behişdi bedewleriň dünýäde at-abraýyny has-da belende götermäge gönükdirilen resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Merkezi bankyna şu pul serişdelerini Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdelerinden ýörite hasaba geçirmek tabşyryldy.

«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň mejlisler jaýynda geçirilen «Halkyň Arkadagly zamanasynda bedew sarpasy» atly dabaraly maslahat hem bu möhüm wakalara bagyşlandy. Maslahatda milli Liderimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň atşynaslygynyň täze belent derejelere ýetendigi bellenildi hem-de döwlet Baştutanymyzyň adyna bu pudagyň ähli işgärleriniň hoşallyk sözleri beýan edildi.

Dabaraly maslahatda çykyş eden tanymal atşynaslar «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda doglan taýçanaga milli Liderimiziň Zaman adyny dakmagynyň diňe bir şu ýylyň şygarynyň ruhlandyryjy güýjüni artdyrmak bilen çäklenmän, eýsem, eziz Diýarymyzyň täze eýýamynyň belent maksatlaryna ýetmeginde okgunlylygyň hem nyşany boljakdygyny bellediler.

Dabaraly maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimize Ýüzlenme kabul edip, onda türkmen halkynyň baý mirasyny gorap saklamaga we baýlaşdyrmaga berýän yzygiderli goldawy, ýurdumyzyň atşynaslary barada edýän hemişelik aladasy üçin milli Liderimize tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler.

Maslahatyň çäklerinde sungat ussatlary çykyş etdiler hem-de «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň muzeýine gezelenç guraldy.

## Oýun kompaniýasyny satyn aldy

«Microsoft» kompaniýasy dünýäniň iň uly wideooýun döredýän kompaniýasy bolan «Activision Blizzard»-y 68,7 milliard dollara satyn aljakdygyny mälim etdi. Şeýlelikde, programma üpjünçiligi bilen meşgullanýan kompaniýa «Call of Duty» we «Candy Crush» ýaly oýunlaryň ýaýradylmagyny öz üstüne alar. «Activision»-yň paýnamalary bu täzelik mälim edilenden soňra 38 göterim gymmatlap, 65,39 dollara ýetdi. «Microsoft»-yň tölegi nagt berjekdigi mälim edildi. Satyn alma işleri tamamlanandan soňra, «Activision»-yň ýolbaşçysy Robert Kotik we onuň işdeşleri öz wezipelerini dowam etdirerler. Pandemiýa döwründe dürli güýmenjelere, şol sanda mobil oýunlara isleg ýokarlandy. Şeýlelikde, bu ugurda işleýän kompaniýalaryň bazar nyrhy hem ýokarlandy.



**Amannazar BAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Awiagatnawlarda arassa ýangyç ulanylar

2030-njy ýyla çenli Daniýada ähli içerki ýolagçy uçar gatnawlarynyň ekologiýa taýdan arassa ýangyç arkaly amala aşyrylmagyny gazanmak göz öňünde tutulýar. Şeýlelikde, bu ýurt ählumumy howa maýylganlygyna garşy göreşmek babatda öz saldamly goşandyny goşar. Howa goýberilýän zyýanly gazlaryň 14 göterimden gowragy awiasiýa ulgamynyň paýyna düşýär.



Häzirki wagtda uçarlaryň ekologiýa taýdan arassa ýangyç, ýagny bioýangyç arkaly uçmagy üçin şertler döredilýär. Bioýangyjy ýeterlik möçberde öndürmek üçin zerur bolan tehnologik çözgüdiň üstünde işlenilýär. Ýerli alymlar wodorod ýangyjy bilen doldurmak mümkinçiliklerini seljerýärler. Şeýle hem Ýewropanyň çäklerinde Şwesiýa hem 2030-njy ýyla çenli içerki gatnawlarda bioýangyjyň ulanylmagyny ýola goýmagy maksat edinýär.

**Azat GYLYÇDURDYÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Ýokary tizlikli otly toruny giňeldýär

Hytaý Halk Respublikasy 2020-nji ýylda 146 müň kilometre barabar bolan demir ýollarynyň uzynlygyny 2025-nji ýylda 165 müň kilometre, garaýollarynyň uzynlygyny bolsa, 161 müň kilometrden 190 müň kilometre ýetirmegi maksat edinýär. Hytaý şäherara ýokary tizlikli toruny hem giňeltmegi meýilleşdirýär. Ýurduň 14-nji 5 ýyllyk ösüş maksatnamasynyň (2021-2025) çäklerinde ulag düzüminiň infrastrukturasyny kämilleşdirmek amala aşyrylýan çäreleriň hatarynda görkezildi. Şeýle hem hasabatda 2020-nji ýylda 38 müň kilometre uzaýan ýokary tizlikli otly ýoluny 2025-nji ýylda 50 müň kilometre ýetirmek meýilleşdirilýär. Mundan başga-da, şäherlerdäki metro ýollarynyň uzynlygynyň 6 müň 600 kilometrden 10 müň kilometre ýetiriljekdigi bellenildi.



**Aýnur PAÝZULLAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Tailand syýahatçylyk girdejisini ýokarlandyrar

Tailandyň hökümeti syýahatçylyk girdejisini ýokarlandyrmagy meýilleşdirýär. Ýurduň Sport we syýahatçylyk ministrligi bu pudagyň girdejisiniň 1,3 trillion batdan 1,8 trillion bata (38-53 milliard dollar) çenli ýokarlanmagyna garaşýar. Ýurduň hökümeti şu ýylyň dowamynda ýurda 5-15 million daşary ýurtly jahankeşdäniň gelmegine garaşýar. Şeýle hem ýurduň hökümeti 2022-nji ýylyň aprelinden başlap daşary ýurtly jahankeşdelerden 300 bat (takmynan 9 dollar) möçberinde ýygym almagy göz öňünde tutýar. Bu ýygym awiapetekleriň nyrhyna goşular. Şeýle hem hökümet ýerüsti ulag serişdeleri bilen gelýän syýahatçylar üçin hem ýygym almagy meýilleşdirýär. Bu ýygymlardan alynýan maliýe serişdeleri syýahatçylyk ugurlaryny hem-de syýahatçylaryň ätiýaçlandyrylmagyny ösdürmäge gönükdiriler.

**Ýazmyrat HOJYMYRADOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Internet tizliginiň rekordy täzelendi

Ýapon inženerleri sekuntda 319 terabit internet tizligini hasaba aldylar. Bu barada Ýaponiýanyň Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary instituty mälim edýär. Institutyň hünärmenleri şeýle tizlige ýetmek üçin erbiý we tuliý elementleri bilen güýçlendirilen süýüm arkaly ýetmegi başarypdyrlar. Munuň üçin dört ýadroly optiki süýümden peýdalanylypdyr. Bu geçiriji birden köp tolkuny birikdirip bilýär. Maglumat geçirişiniň amala aşyrylan iki nokadynyň aralygynyň 3000 kilometrdigi mälim edildi. Bu bolsa, şeýle tizlige adaty internet geçirijilerinde hem ýetilip bilinjekdigini görkezýär. Mundan ozalky rekordyň sekuntda 178 terabitdigi mälim edildi. Bu görkeziji geçen ýylky rekordyň iki essesine, ozalky ýylky rekordyň 7 essesine barabar. Ýapon inženerleri bu rekordy täzelemegiň aňsat däldigini, emma muňa garamazdan, bu ugurda işlemeklerini dowam etdirjekdiklerini belleýärler.



**Ogultäç MYRADOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň B.Kerbabaýew adyndaky şahamçasynyň müdiri.*

## Hepdede dört iş gününe geçiler

Angliýada synag maksady bilen hepdelik dört iş gününiň ýola goýulmagyna başlanar. Alty aý dowam etjek bu synaga 30 kompaniýa gatnaşar. Bilermenler hepdede dört gün işlemegiň, adamlaryň gowy dynç almaklaryna, netijede has önjeýli işlemeklerine sebäp bolýandygyny aýdýarlar. «COVID-19» pandemiýasynda iş sagatlarynyň azaldylmagy we uzak aralykdan işlenilmegi hem bu ugurda gowy tejribe gazanmaga ýardam etdi. Ýurtda geçiriljek synagyň dowamynda işgärleriň aýlyklary azaldylmaz. Ýagny işgärlere hepdede bäş gün işlän ýaly hak tölener. «Autonomy» maslahat beriş kompaniýasynyň «4 Day Week UK» atly kompaniýasyna Oksford uniwersiteti, Boston kolleji we Kembrij uniwersiteti «4 Day Week Global» maksatnamasy bilen gatnaşýar. «4 Day Week Global» maksatnamasynyň dolandyryjysy Joe O'Konnor iş ýerleriniň köpüsiniň aýlyklary azaltmazdan, iş sagatlaryny azaltmak üçin önümçilige üns berýän strategiýany işläp taýýarlaýandygyny belleýär. Bu maksatnamada iş ýeri hepdäniň bäş gününde işlär, emma işgärler bäş iş gününiň birinde dynç alyp bilerler. Şeýlelikde, hepdäniň dört güni iş, üç güni dynç bolar. Mundan ozal käbir banklar we beýleki iş ýerleri hem şeýle düzgüni ýola goýupdy. Bu maksatnama Angliýadan soňra



ABŞ-da, Irlandiýada, Kanadada, Awstraliýada we Täze Zelandiýada hem durmuşa geçiriler. Bu başlangyja goşulan kompaniýalaryň arasynda tehnologiýa kompaniýalarynyň işgärleriniň önjeýliligini ýokarlandyrmaga degişli çözgütleri hödürleýän «Canon» hem bar.

## Aglamagyň peýdasy

Umuman, aglamak ejizligiň alamaty hökmünde görülýär, ýöne soňky barlaglar aglamagyň adam bedenine köp tarapdan peýdaly bolup biljekdigini ýüze çykardy. ABŞ-da taýýarlanan maglumata görä, zenanlar aýda ortaça 3,5 gezek, erkekler bolsa 1,9 gezek aglaýarlar. Bir adam günde 300 ml, ýylda 38 litr gözýaş bölüp çykarýar. Bu gözýaşlar beden we akyl saglygyna oňyn täsir edýär. Aglamak bedende emele gelýän we saglygyň ähli taraplaryna täsir edýän tebigy ýagdaýdyr. Bu ugurda geçirilen barlaglar, aglamagyň adamlara kyn günlerde agyr ýükden saplanmaga kömek edip biljekdigi mälim edildi. Aglamagyň netijesi dessine däl-de, kem-kemden öz oňyn täsirini ýetirýär. Ylmy-barlaglara görä, aglamak beýnini köşeşdirmäge täsir edýän parasimpatik nerw ulgamyny işjeňleşdirýär. Şeýlelikde, aglamak ganyň basyş güýjüniň ýokarlanmagynyň öňüni almaga, şeýle hem aglamak arkaly emele gelýän gözýaş bilen adam bedenindäki hapalaryň hem daşary çykarylmagyna kömek edýär.



**Muhammet ÇARYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Ýaşaýşyň alamatlary tapyldy

ABŞ-nyň aerokosmos edarasynyň (NASA) «Curiosity» marsohodynyň toplan toprak nusgalarynda ýaşaýşyň alamaty hasaplanýan karbonyň tapylandygy mälim edildi. Pensilwaniýa uniwersitetiniň alymlary nusgalarda karbon atomlaryna duş gelendiklerini belleýärler. Alymlar bu açyşyň Gyzyl planetada ýaşaýşyň bolup biljekdigini alamatlandyrýandygyny, emma barlaglaryň dowam edýändigini belleýärler. Karbon Ýerdäki ähli ýaşaýşyň esasyny emele getirýär. Planetamyzdaky karbon atomlary atmosferadan topraga geçýär we gaýtadan atmosfera dolanyp, aýlawyny dowam etdirýär. Şeýlelikde, ol biologik işjeňligi döredýär. Mars bilen bagly täze açyş barada «Proceedings of the National Academy of Sciences» (PNAS) žurnalynda ylmy makala çap edildi. Ýeri gelende bellesek, alty tigirli «Curiosity» enjamy 2012-nji ýylyň awgustynda Marsa gonduryldy. Ol ýeri gazyp, topragyň düzümini öwrenmäge mümkinçilik berýän enjamlar bilen enjamlaşdyrylar.



**Baýram BAÝRAMOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Galmagally şäherleriň sanawy düzüldi

Fransiýanyň paýtagty Pariž Ýewropanyň iň galmagally şäheri hasaplanýar. Bu babatda düzülen sanawda London ikinji, Rim üçünji orunda durýar. Parižläki galmagalyň esasy çeşmeleri – ulaglar we otlulardyr. Mundan başga-da, parižlileriň hem köp sanlysy şäheriň göçgünliligine goşandyny goşýarlar. Her gün Parižiň 5,5 million ýaşaýjylary we onuň myhmanlary 55 desibel derejesindäki galmagalyň täsiri astynda galýarlar. Iň galmagally şäherleriň sanawynda Madrid, Barselona, Mançester, Wena, Berlin, Birmingem, Milan ýaly şäherler hem bar. Häzirki wagtda galmagaly azaltmak üçin degişli işler alnyp barylýar.



**Ýazjeren SATLYKOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Iň köp smartfon satan kompaniýa

«Canalys» kompaniýasy 2021-nji ýylyň dördünji çärýeginde smartfon satuwynda öňdebaryjy kompaniýalary mälim etdi. Bu döwür satylan smartfonlaryň 20 göterimini «iPhone» emele getiripdir. Şeýlelikde, «Apple» dünýäniň iň köp smartfon satan kompaniýasy boldy. Kompaniýanyň birinji orny eýelemegi «iPhone 13» smartfonuna bolan islegiň uly bolmagy bilen baglanyşyklydyr. «Samsung» ikinji ýeri eýeläpdir. Üçünji orny eýelän «Xiaomi» bolsa umumy satuwyň 12 göterimine eýe boldy. Hytaýyň OPPO we «Vivo» kompaniýalary degişlilikde 9 göterim we 8 göterim bilen öňdäki orunlary eýeleýär.



**Hojaýüsüp ANNAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Howadan azyk öndürildi

Finlýandiýaly alymlar diňe howadan we suwdan peýdalanyp, iýmitlilik kuwwaty bolan protein külkesini öndürdiler. Bu açyşyň geljekde azyk ýetmezçiliginiň öňüni almaga ýardam etjekdigi bellenilýär. Ilki bilen öýjügiň ösüşi üçin gerek bolan şertler döredilýär. Turşamak prosesiniň netijesinde iýmitlilik kuwwaty bolan külke emele gelýär. Munuň üçin gerek bolan elektrik energiýasy alternatiw çeşmelerden alynýar. Şeýlelikde, fin alymlary howadan iýmit öndürendiklerini belleýärler. Külkäniň tagamsyzdygy, ýöne käşiriň tagamyna çalaja meňzeýändigi bellenilýär. Bu bolsa, geljekde howadan alnan azygy süýji hem-de duzly iýmitleri öndürmekde ulanmaga mümkinçilik berer.



**Göwher ANNAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 21-i, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-108692
Belgisi: 3/1465
Tiražy: 3600
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Geljegi nazarlaýan pudak

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynyň biri bolan nebitgaz senagatyny mundan beýläk-de ösdürmek, ony öňdebaryjy pudaga öwürmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryna girýär.

Hormatly Prezidentimiz «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylyndaky ilkinji saparlaryny ýurdumyzyň welaýatlaryndan başlap, ol ýerlerdäki nebitgaz känlerini özleşdirmek babatda möhüm maslahatlar geçirdi. Halk hojalygynda amala aşyrylýan özgertmeleriň ählisiniň halkyň bähbidine gönükdirilmegi bolsa ýurdumyzyň ýokary ýaşaýyş mümkinçiliklerini özünde jemleýän ajaýyp Diýara öwrülmegine ýardam berdi. Bu hakykat döwlet Baştutanymyzyň Mary, Lebap, Balkan we Ahal welaýatlaryna bolan iş saparlarynda özüniň taryhy beýanyny tapdy.

Gahryman Arkadagymyz bu iş saparlarynyň çäklerinde ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynyň biri bolan ýangyç-energetika toplumyny mundan beýläk-de ösdürmek meselelerine aýratyn üns çekdi. Bu ugurda öňde goýlan möhüm wezipeleriň üstünlikli çözülmegi welaýatlardaky känlerde gazyň çykarylyşyny artdyrmaga we Türkmenistanyň dünýäniň energetika bazarynda eýeleýän ornuny has-da pugtalandyrmaga giň mümkinçilikler açýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda nebitgaz senagatyny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Maksatnamasynda kesgitlenen wezipeler üstünlikli ýerine ýetirilýär. Daşary ýurtly şeýle hyzmatdaşlar bilen bilelikde, «Galkynyş» gaz käniniň özleşdirilmegi hem-de Türkmenis-



tan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygy çalt depginler bilen dowam etdirilýär.

Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisi barada aýdylanda bolsa, bu taslama milli Liderimiziň başlangyjy bilen dörän ägirt uly taslamalaryň biridir. Ýurdumyzyň energiýa çeşmelerini dünýä bazaryna diwersifikasiýa ýoly bilen ibermek babatdaky energetika strategiýasynyň möhüm hem-de aýrylmaz bölegidir. Hormatly Prezidentimiziň «Biziň ýurdumyz ösüş strategiýasyny diwersifikasiýa ýoly bilen yzygiderli amala aşyrýar. Netijede, biz soňky ýyllarda öz hyzmatdaşlarymyz bilen bilelikde gündogar we günorta ugurlarda birnäçe iri turba geçirijileri gurmak boýunça taslamalary üstünlikli durmuşa geçirdik» diýen sözleri ýurdumyzda turba geçirijileri gurmak, tebigy gazy daşary ýurtlara ibermek wezipesine diýseň jogapkärçilikli çemeleşilýändigini görkezýär. Bu gaz geçirijiniň umumy uzynlygy, takmynan, 1814 kilometre deň bolup, onuň 214 kilometri Türkmenistanyň, 744 kilometri Owganystanyň, 826 kilometri bolsa, Pakistanyň çäginden geçip, ol Hindistanyň Fazilka atly ilatly nokadyna ýetiriler. Gaz geçirijiniň kuwwaty ýylda 33 milliard kubmetr tebigy gaza deň bolar. Ägirt uly «Galkynyş» gaz käni bu gaz geçirijini arassalanan tebigy gaz bilen üpjün eder.

Transmilli gaz geçirijisi bolan Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisiniň halkara syýasy ähmiýeti hem diýseň uly bolup, ol goňşy Owganystanyň içinde syýasy durnuklylygy üpjün etmäge hem öz oňyn täsirini ýetirer. Bu taslamanyň oňa gatnaşýan ýurtlaryň ykdysadyýetine ýetirjek oňyn täsiri bolsa bimöçberdir, sebäbi tebigy gaz ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmeleriniň biri bolmak bilen, islendik ýurduň ykdysadyýetini herekete getiriji güýçdür.

Häzirki wagtda hem Owganystan tarapy bilen bu möhüm taslamany durmuşa geçirmek babatda işjeň gepleşikler alnyp barylýar. Golaýda, Türkmenistanyň wekiliýeti Owganystanda saparda bolan bolsa, ýaňy-ýakynda Owganystanyň täze hökümetiniň daşary işler ministriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Amir Han Muttaki hem ýurdumyzda saparda bolup, bu saparyň çäklerinde Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan transmilli gaz geçirijisi barada gepleşikleriň geçirilendigini, ýakyn wagtda Owganystanda bu taslamanyň amala aşyrylmagyna badalga beriljekdigini belledi.

Ine, TOPH bilen bir hatarda beýleki iri taslamalar ýurdumyzyň nebitgaz pudagynyň ýokary depginde ösdürilmegine mynasyp goşant goşar. Şeýle taslamalar hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyzyň baý tebigy serişdelerini diňe bir öz halkymyz üçin däl, eýsem, dünýä halklarynyň bähbidine ulanmak üçin giň mümkinçilikler döredýär.

**Berdi BAÝRAMMYRADOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Ulag diplomatiýasy: dünýä ähmiýetli başlangyçlar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Ine, şu nukdaýnazardan ulag ulgamyndaky başlangyçlaryň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegini dowam etdirmek maksady bilen hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýene-de bir möhüm Maksatnama tassyklandy. Ol hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy» atly resminamadyr. Bu maksatnamada ýurdumyzyň ulag ulgamynyň we halkara ulag hyzmatdaşlygynyň hukuk binýadyny ösdürmek, dünýäniň we sebitiň ulag-logistika ulgamlarynyň talaplaryny göz öňünde tutup, Türkmenistanyň ýol-ulag Kodeksini taýýarlamak, ulag babatda halkara guramalar, şol sanda BMG hem-de onuň sebitleýin komissiýalary, Halkara ekspeditorçylyk assosiasiýalarynyň federasiýasy, Halkara howa ulaglary assosiasiýasy, Raýat awiasiýasynyň halkara guramasy, Awtomobil ulaglarynyň halkara bileleşigi, Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasy, Halkara deňiz guramasy we beýleki halkara guramalar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy netijeli dowam etdirmek göz öňünde tutulýar.

Çäk taýdan amatly ýerleşen eziz Diýarymyzda ulag ulgamynda halkara ulag hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek babatda giň gerimli taslamalar durmuşa geçirilýär. Olaryň hatarynda Owganystan-Türkmenistan-Azerbaýjan-Gruziýa-Türkiýe, Gazagystan-Türkmenistan-Eýran, Hazar deňzi-Gara deňiz, Özbegistan-Türkmenistan-Eýran-Oman we beýleki halkara üstaşyr ulag geçelgelerini işjeňleşdirmek boýunça taslamalar bar.

Strategik häsiýete eýe bolan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygy ulag meseleleriniň dürli ugurlary boýunça



ösdürilýär. Bu ugurda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Rezolýusiýalar möhüm ähmiýete eýedir. Gahryman Arkadagymyzyň öňe sürýän oňyn teklipleri dünýä jemgyýetçiliginde giň goldaw tapýar. Dünýä bileleşiginiň giň goldawyna eýe bolan ata Watanymyzyň netijeli başlangyçlary döwletara söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmekde aýratyn möhüm orun eýeleýän bu ulgamda özara hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilendir.

Garaşsyz ýurdumyzyň ulag-üstaşyr geçirijilik mümkinçiligini artdyrýan bu ýollar Ýewropa, Aziýa-Ýuwaş ummany we Günorta Aziýa ugry boýunça möhüm halkara geçelgesine öwrülýär. Ýurdumyzyň ulag syýasatynyň ugurlaryny mundan beýläk hem diwersifikasiýalaşdyrmak maksady bilen, Hazar we Gara deňizleriniň, Orta Aziýa hem-de Ýakyn Gündogaryň arasynda ulag-üstaşyr geçelgeleriniň mümkinçilikleri öwrenilýär. Halkara ulag we logistiki hyzmatdaşlygyny ösdürmekde halkara ulag geçelgelerine aýratyn ähmiýet degişlidir. Ýewropanyň we Aziýanyň çatrygynda ýerleşmek bilen, Türkmenistan ulag babatda onlarça halkara konwensiýalarynyň agzasy, halkara ulag we üstaşyr geçelgeleri boýunça baglaşylan birnäçe halkara şertnamalarynyň gatnaşyjysy bolup durýar. Soňky ýyllarda Türkmenistan-Owganystan-Täjigistan demir ýolunyň birinji nobatdakysy, Kerki-Ymamnazar-Akina ugruny guramagyň ajaýyp taslamalary amala aşyryldy, Türkmenbaşy Halkara deňiz porty ulanylmaga berildi, şeýle hem Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar. Onuň birinji bölegi geçen ýyl ulanmaga berildi.

Döwletimiziň dünýädäki at-abraýyny belende göteren hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun! Goý, Türkmenistan döwletimiziň halkara derejelerindäki at-abraýy mundan beýläk-de belende galsyn!

**Gutly GOŞAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Watan mukaddesligi ýürekleriň buýsanjy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
«Keýmir serdar, bir gün tamdyrtowy getirmäge daş çykypmyş welin, bir nätanyş gelip, ondan Keýmir serdaryň öýüni sorapdyr. Pähimli serdar oýlanyp oturman, oňa öz öýüni salgy beripdir. Birsalymdan ony tanan nätanyş ýanyna gelip:

– Näme üçin sen özüň kimdigiňi maňa aýtmadyň? – diýip, geň galmak bilen sowal berende bolsa:

– Sen menden öýümi soradyň, menem saňa salgy berdim. Bu ýerde geňlär ýaly zat ýok – diýipdir. Soňra myhman:

– Bir akylly serdar, han diýip mertebeläp ýördük welin, bu-ýa öýünde tamdyrtowy daşap ýören biri ekeni – diýip, ýaňsyly gepläpdir.

– Men ilimiň serdary bolsamam, öz öýümiň hyzmatçysydyryn. Öz maşgalasynyň aladasyny etmeýänden iline serdar bolmaz – diýipdir».

Ine, şu pähimli jümleleri okanyňda, guýmagursak watançy bolan halkymyzyň maşgala ojagyna-da wepa-ygrarlydygyna, ony eziz görýändigine göz ýetirýärsiň. Pederlerimize mahsus şeýle nusgawy häsiýetler bize ýol-ýörelge bolmalydyr.

Biz türkmeniň täze taryhynyň dörän, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüne mynasyp ýeňişleriň gazanylýan döwründe ýaşaýarys. Watan goragçylarynyň her biriniň köňlünde mert pederleriň ruhy bar. Milli goşunymyzyň harby gullukçylary merdana ata-babalarymyzyň şöhratly söweşjeň däplerini mynasyp dowam etdirýärler.

Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Watan goragçylarynyň gününi döretmek we ony her ýylyň 27-nji ýanwarynda ýokary derejede guramaçylykly bellemek hakynda gol çeken Permanyna örän hoşal bolan Watan goragçylary özleriniň asylly gulluklary bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň özygtyýarlylygynyň, agzybir halkymyzyň abadançylygynyň goragynda gije-gündiz berk durýarlar. Milli goşunymyzyň hatarynda gulluk edýän Watan goragçylaryny Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ruhubelent edip terbiýelemek, olaryň gözýetimini giňeltmek,



aň-düşünjesini artdyrmak maksady bilen Ýaragly Güýçlerimizde birnäçe özgertmeler amala aşyrylýar.

Şol harby özgertmeler netijesinde ýurduň Milli Ýaragly Güýçleriniň harby kuwwaty, goranyş ukyby artdy, harby gullukçylaryň söweşjeň taýýarlygy ýokarlandy.

Belent Serkerdebaşymyzyň Watan goragçylarymyz hakyndaky aladasy we harby ussatlygy ele almakda görkezýän şahsy göreldesi ata-babalarymyzyň wesýetlerine wepalydygyny, eziz Watanymyzy çäksiz söýýändigini görkezýär.

Hormatly Prezidentimiz milli goşunymyzyň harby bölümlerine baryp, esgerler bilen duşuşyp, olaryň hal-ýagdaýy, harby durmuşy bilen yzygiderli gyzyklanyp durýar. Sebäbi esger ýigitler Watanymyzyň diregi, polat galkany.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň watançylyk taglymatynyň esasynda kabul edilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Harby doktrinasynyň özeni mukaddes Garaşsyzlygymyzy, ýurdumyzyň bitewüligini gorap saklamakdan, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan hukuklaryny we borçlaryny berjaý etmekden, ähli döwletler bilen parahatçylykly hem-de dostlukly ýaşamak syýasatyny amala aşyrmakdan ybarat bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan möhüm resminama – «2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama kabul edilipdi. Bu bolsa Garaşsyz Watanymyzyň ýokary halkara abraýynyň hem-de ýurdumyzyň öňe sürýän dostlukly, hoşniýetli, parahatçylykly gatnaşyklarynyň dünýä ýüzünde täze mana, öwüşgine eýe bolandygyny äşgär edýär.

Biz mugallymlar «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda hormatly Prezidentimiziň Watançylyk taglymatyndan ugur alyp, okadýan harby talyplarymyzy Watana wepaly, ylymly-bilimli ýaşlar edip ýetişdireris. Goý, ata Watanymyzy, il-gününi jandan söýýän, göbek gany daman dogduk mekanyna howp abansa gaýa dek durup bilýän gerçek ýigitlerimiz hemişe halkyň guwanjy, Watanyň daýanjy bolup, mukaddes borja wepalylygyň nusgasyny görkezip, ýurdumyzyň abraýyna abraý goşsun!

**Hydyrguly WOHANOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy.*

# Sebit hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlary

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Türkmenistanyň iň ýakyn goňşusy bolan we umumy taryhy kökleri müňýyllyklaryň jümmüşinden gözbaş alýan dostlukly döwletleriň biri hem Eýran Yslam Respublikasydyr. Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky strategik we giň möçberli hyzmatdaşlyk dostlugyň, hoşniýetli goňşuçylygyň we deňhukukly gatnaşyklaryň ähliumumy we mizemez ýörelgelerine esaslanýar. Iki ýurduň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 18-nji fewralynda ýola goýuldy. Netijeli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk ýyllary içinde iki doganlyk döwlet döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde baglaşylan halkara resminamalaryndan ybarat bolan berk şertnama-hukuk binýadyny döretdiler.

Iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmeginde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara türkmen-eýran toparyna möhüm orun degişlidir. Geçen ýylyň oktýabr aýynda Tähran şäherinde bu toparyň 16-njy mejlisi geçirildi.

Türkmenistan bilen Eýran häzirki zaman ösüşiniň möhüm faktorlary bolan ulag-aragatnaşyk we energetika ulgamlarynyň giňeldilmegine gönükdirilen iri möçberli taslamalary amala aşyrmak bilen sebit hyzmatdaşlygynyň täze mazmuna eýe bolmagynda



mynasyp orun tutýarlar. Mälim bolşy ýaly, «Gündogar-Günbatar» we «Demirgazyk-Günorta» halkara ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmekde hem türkmen-eýran hyzmatdaşlygyna uly orun degişlidir.

Özbegistan Respublikasy Türkmenistanyň iň ýakyn goňşularynyň biridir. Iki döwletiň hem Aziýa yklymynyň merkezinde geografik taýdan amatly ýerleşmegi diňe bir sebit däl, eýsem, ähliumumy möçberde hem möhüm ähmiýete eýedir. Türkmenistan we Özbegistan söwda-ykdysady hem-de ulag-kommunikasiýa geçelgeleriniň möhüm çatrygynda ýerleşmek bilen «Gündogar-Günbatar» we «Demirgazyk-Günorta» ugurlary boýunça geljegi has uly ugurlary ösdürmek boýunça utgaşykly gatnaşyk edýärler.

Iki ýurduň arasynda ulag-kommunikasiýa pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça köp sanly iri taslamalar durmuşa geçirilýär. «Türkmenistan-Özbegistan-Eýran-Oman-Katar» halkara ulag-üstaşyr geçelgesi boýunça Aşgabat Ylalaşygynyň amala aşyrylmagy, «Hytaý-Gyrgyzystan-Özbegistan-Türkmenistan-Azerbaýjan-Gruziýa-Türkiýe-Ýewropa» halkara multimodal ugry boýunça ulag geçelgesiniň doly işe girizilmegi üçin degişli işler alnyp barylýar.

**Nurgözel ÝAZYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Energetika pudagynyň kuwwaty artýar

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň ylymda gazanýan üstünlikleri Watanymyzyň ösüşine mynasyp goşandyny goşýar. Energetika senagaty ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň biridir. Döwlet energetika syýasaty Türkmenistanyň senagatynyň, oba hojalygynyň, durmuş ulgamynyň isleglerini doly kanagatlandyrmaga hem-de daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmaga gönükdirilendir. Ýokary we has ýokary ölçeglerde işleýän döwrebap elektrik beketleriniň işe girizilmegi bilen türkmen energoulgamynyň kuwwaty barha beýgeldi. Şunuň bilen baglylykda, halkalaýyn energoulgamyny döretmek maksady bilen elektrik energetika pudagynda amala aşyryljak düzümleýin taslamalary ilerletmek boýunça işler güýçli depginde alnyp barylýar. Ýurdumyzda öndürilýän elektrik energiýasynyň uly bölegi senagatda, jemagat we oba hojalygynda ulanylýar. Ösüşlere beslenýän ýurdumyzyň gurluşyk pudagynda sarp edilýän, şeýle hem eksport edilýän elektrik energiýasynyň möçberi ýylsaýyn artýar.

Energetika kuwwatlyklaryndan netijeli peýdalanmak, sarp edijileri elektrik energiýasy bilen ygtybarly we bökdençsiz üpjün etmek, daşary ýurtlara iberilýän elektrik energiýasynyň mukdaryny artdyrmak hem-de ugurlaryny giňeltmek, Ahal-Balkan we Balkan-Daşoguz welaýatlarynyň arasynda halkalaýyn energoulgamy döretmek bilen bagly taslama aýdyň şaýatlyk edýär.

Ahal welaýatynyň çäginden Balkanabat şäherine çen-



li uzynlygy 450 kilometr, güýjenmesi 220 kW bolan iki zynjyrly howa elektrik geçiriji ulgam, şeýle hem Daşoguz welaýatynyň çäginden Balkan welaýatyna çenli uzynlygy 560 kilometr, güýjenmesi 500 kW bolan howa elektrik geçiriji ulgam hem halkymyzyň elektrik energiýasyny peýdalanmak babatda ileri tutulýan işleriň hatarynda görkezmek bolar. Taslama laýyklykda, bu howa elektrik geçirijiniň ugrunda güýjenmesi 500 kW barabar bolan iki sany we güýjenmesi 220 kW barabar bolan iki sany, jemi 4 sany elektrik bekedini gurmak göz öňünde tutulýar. Energetika pudagynda özüniň möçberi boýunça ägirt uly taslamanyň amala aşyrylmagy ýurdumyzda energiýa üpjünçilik ulgamynyň doly döwrebaplaşýandygyny görkezýär.

Döwlet Baştutanymyz energetika pudagynda innowasion tehnologiýalaryň yzygiderli ornaşdyrylmagyna, elektrik desgalarynyň döwrebaplaşdyrylmagyna we täzelerini gurmak boýunça iri taslamalaryň ençemesiniň durmuşa geçirilmegine uly üns berýär. Täze elektrik geçiriji ulgamlar barha uzalyp, ilatly ýerleriň we önümçiligiň energiýa bilen üpjünçiligi sazlaşykly guralýar.

Diňe bir gazturbinaly elektrik beketleri gurulman, eýsem, gaýtadan dikeldilýän energetikany ösdürmek babatda hem uly taslamalary durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar. 2019-njy ýylyň aprel aýynda tassyklanan «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitini 2019-2025-nji ýyllarda özleşdirmegiň Konsepsiýasyny amala aşyrmak boýunça çäreleriň meýilnamasyna laýyklykda, Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň çäginde kuwwaty 10 megawat bolan köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasyny gurmak göz öňünde tutulýar. Bu desga ekologiýa taýdan arassa elektrik energiýasyny öndürmek bilen «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitinde peýda boljak ilatly ýerde sarp edijileri elektrik energiýasy bilen ygtybarly we bökdençsiz üpjün eder. Utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik beketleri goşmaça tebigy gazy sarp etmezden, öndürilýän elektrik energiýasynyň möçberini artdyrmaga, daşky gurşawa gidýän zyýanly galyndylary birnäçe esse azaltmaga mümkinçilik berer. Bu beket ýurdumyzda energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerinde işleýän ilkinji elektrik bekedi bolup, ýurdumyzda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň başlangyjyna öwrüler. Bu ýerde dünýäde iň soňky gazanylan öňdebaryjy tehnologiýalar we nou-haular ornaşdyrylar. Taslamany uzak ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň ygtybarly hyzmatdaşyna öwrülen Türkiýe Respublikasynyň «Çalyk Enerji» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Umuman, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde badalga berilýän täze energetika taslamalary, olary paýlaýjy elektrik ulgamlary ilatymyzy, senagat desgalaryny elektrik togy bilen üznüksiz üpjün etmäge giň mümkinçilikler döredýär.

**Enejan TOÝLYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# BEDENIŇ IMMUN ULGAMYNY BERKITMEGIŇ ÝOLLARY

Ýiti respirator ýokanç keselleriň we dürli sowuklama keselleriniň öňüni almak öz saglygy barada hemişe alada edýän adamlar tarapyndan mydama hem-de netijeli amala aşyrylýan ulgamlaýyn, üznüksiz hadysa bolup durýar. Käbir adamlar bolsa bu ugurdaky işler diňe möwsümleýin ýüze çykýan ýiti wirus ýokanjynyň epidemiýasyna garşy ýerine ýetirilmelimikä diýip pikir edýärler. Kadaly iýmitlenmek, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerip, sportuň işjeň görnüşleri bilen meşgullanmak bedeniň sowuklama kesellerine garşy göreşijilik ukybyny berkidýär, ony gurplandyrýar.

Ýiti respirator wirus ýokanjy immuniteti gowşak adamlarda has köp ýüze çykýar. Eger adamda bedeniň ruhy duýgurlygyna erk etmek we ony dolandyryp bilmek endigi ýok bolsa, onuň kesellere garşy göreşmek ukyby diňe ýokançlara däl, eýsem, dartgynly-stres ýagdaýlara hem garşylyk görkezmeli bolýar. Bu bolsa immunitetiň «ünsüni» esasy işinden sowýar.

### IMMUNITETIŇ BERK BOLMAGY ÜÇIN NÄMELER ZERUR?

**1 Maşgalada we işde ýakymly ruhy gurşawyň bolmagyny gazanmaly.**
Gaharlanmaň, her bir ýagdaýda ruhy deňagramlylygy saklap, ýygy-ýygydan ýylgyryň! Gaharlanmagyň dartgynlylygy (stresi) döredýändigi ylmy taýdan subut edilen. Dartgynlylykda adam bedeniniň wiruslara garşy göreşijilik ukyby peselýär. Sebäbi, immunitet öz «ünsüni» bedeni dartgynly ýagdaýdan çykarmaga gönükdirýär.

**2 Gün tertibini dogry berjaý etmeli.**
Adam bedeniniň tebigy gurluşyna laýyklykda, uklamak bilen işjeňligiň, iýmitlenmek bilen gezelenjiň kesgitli çalşygy bolmalydyr. Bu endikler irki çagalyk döwründe kemala gelip, adamyň bütin ömründe galýar. Şol sebäpden çagany irki çagalyk döwründen başlap, gün tertibine uýgunlaşdyrmaly hem-de ony her gün doly ýerine ýetirmek şertinde terbiýelemeli. Gündizki ukyny hökman almak şerti bilen 7 ýaşa çenli çaganyň gün tertibini dogry berjaý etmegi saglygyň girewidir. Ir bilen sagat 08:00-dan soň çaga düşeginde uzak wagtlap galmaly däl, agşam bolsa düşegine sagat 21:00-dan gijä galman geçmeli. Gijeki uka gitmezden öň, çaga özüni rahat alyp barmaly we dartgynly multfilmlere seretmeli däl, aşa güýçli sazlary diňlemeli däl.

**3 Kadaly iýmitlenmeli.**
Bedeniň respirator kesellere garşy göreşmek ukybyny berkitmek maksady bilen A witaminine baý önümleri kabul etmeli. Hökmany suratda ösümlik ýagy goşulyp, ter käşirden taýýarlanan işdäaçary, mesge atylyp taýýarlanan kädi üwmejini, ýumurtga, dorag, ýogurt, gaýnadylan et, buglanan balyk ýaly azyk önümlerini, şeýle-de miweleri iýmeli. B toparynyň witaminleri bedeniň umumy alyş-çalyş hadysalaryny kadalaşdyrýar, gan döredijі ulgama oňaýly täsirini ýetirýär, bu bolsa saglygyň berkidilmegine ýardam berýär. Şonuň üçin dürli kösükli ekinleriň dänelerinden süýtde taýýarlanan şüleleri kabul ediň. Gök önümler we miweler C witaminine has baýdyr. Gök önümlerden we miwelerden dürli tagamlar taýýarlananda, olaryň düzümindäki C witamini dargamaz ýaly, hökman gyzgynlygyň oňaýly derejesi saýlanylmalydyr. Olary ter dogralan görnüşinde hem iýmelidir. Gök önümleri we miweleri az-azdan, yzygiderli iýmeli. D witaminine baý önümlerden däneliler, maňyzlar, et, balyk, mesge we ýumurtga hem saglyga örän peýdalydyr we bular immun ulgamyny berkidýär.

Diňe kabul edýän iýmit önümlerimize däl, eýsem, olary kabul edişimize we ýygylygyna hem üns bermek wajypdyr.

**4 Arassa, açyk howada gezelenç etmeli.**
Şunda howa we bedeni D witamini bilen baýlaşdyrýan Gün wannalary wajypdyr. Hatda bulutly howada hem Gün wannalaryny kabul edip bolar, sebäbi ultramelewşe şöhleler bulut gatlagyndan arkaýyn geçip bilýärler. Gezelenç etmek üçin daşary çykylanda, çagany pasla görä geýindirmek örän wajypdyr, emma köp maşgalalarda çaga üşemesin diýip, ony gereginden artyk, gat-gat geýindirýärler. Bu bolsa çaganyň gyzmagyna, derlemegine getirýär. Netijede, derlän çagany şemal kakýar-da, ol syrkawlaýar. Ýeňil, ýöne ýyly geýinmek çaganyň hereket etmegine itergi berýär we ol hereket arkaly hem ýylanýar. Islendik pasylda hem birsydyrgyn howa bolmaýar. Onuň derejesi üýtgäp durýar. Bu has-da gyş paslyna mahsusdyr. Hemişe howanyň ýagdaýyna görä, ünsli geýniň we bu babatda çagalaryňyza-da gözegçilik ediň! Daşary çykanyňyzda, hökmany suratda, agyz-burun örtüklerini dakynyň!

**5 Bedeni taplamaly. Sport bilen meşgullanmaly.**
Suw bilen taplamak – bu birnäçe usullardan ybaratdyr. Süpürinmek, üstüňden suw guýmak, aýak üçin wannalar, sowuk we gyzgyn suwy çalyşmak arkaly duş... Emma, ilki bilen, taplanmagy otag temperaturasyndaky derejede süpürinmekden başlamak çagalar üçin hem amatlydyr.

Her gün irden bedenterbiýe maşklaryny ýerine ýetirmek, sport bilen meşgullanmak bedeni taplamagyň iň netijeli usullarydyr. Çünki gündelik işjeň hereket bedeniň gan aýlanyşygyny kadalaşdyrýar. Aýratyn-da, irdenki bedenterbiýe maşklaryny ýerine ýetirmek her bir adam üçin wajypdyr. Irdenki işjeň hereket adam bedenini şol gün etjek işlerine taýýarlaýar, günüň dowamynda şähdaçyk, ruhubelent bolmagyna ýardam edýär.

**6 Şahsy we jemgyýetçilik gigiýenasynyň talaplaryny berk berjaý etmeli.**
Her gün öý otaglaryny ýelejiretmeli we olarda yzygiderli çygly arassalaýyş işlerini geçirmeli. Sebäbi gurak otagda tozan bölejikleri gaýmalap durýarlar. Muny ulaldyjy enjam arkaly hem synlap bolýar. Çygly arassalaýyş işlerinden soň, otaglaryň howasyny üzärlik tütetmek arkaly hem tämizlemeli.

Irki ýaşdan çagalarda nahar iýmekden öň we soň, hajathanadan soň elleri sabynlap ýuwmak endigini terbiýelemeli. Çagalar üçin burun boşlugynyň, bokurdagyň arassalygy we gigiýenasy has wajypdyr. Çaga agyz-burun boşlugyny mylaýym suw bilen çaýkamagy endik etdiriň! Mundan başga-da, öýde mikroklimaty döretmek zerur, howanyň +20 – 22° derejesi we 50 – 60 göterim çyglylygy dem alyş ýagdaýyny kadalaşdyrýar hem-de keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. Bular immuniteti berkitmegiň dermanlyk serişdesiz, adaty, ýöne hökman ýerine ýetirilmeli netijeli usullarydyr. Bu usullarda garşy görkezmeler ýokdur.

**7 Keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny etdirmeli.**
Keselleriň öňüni almagyň ýene bir netijeli, ýöriteleşdirilen usulydyr. Ilaty möwsümleýin ýiti respirator ýokanç kesellere garşy sanjymlar bilen üpjün etmek işleri ýurdumyzda ýokary derejede ýola goýlan. Sanjym işleri adamlaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda geçirilýär. Her bir adam öz maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, sanjym etdirip biler. Keselleriň öňüni alyş sanjymlary, ilki bilen, sanjymy alan her bir adamyň, galyberse-de, onuň daş-töweregindäkileriň netijeli goraglylygynyň kepilidir. Çünki olar bedende antitelalaryň emele gelmegine ýardam berýär, bedeniň möwsümleýin kesellere garşy durnuklylygyny ýokarlandyrýar.

Bulardan başga-da, häzirki wagtda howanyň akymynyň üýtgemegi bilen baglylykda, howa şertleriniň adam bedenine ýetirip biläýjek oňaýsyz täsirleriniň öňüni almak maksady bilen agyz-burun örtüklerini dakynmak, olary öz wagtynda çalşyp durmak, elleri ýygy-ýygydan sabynlap ýuwmak, köpçülik ýerlerinde 2 metrden az bolmadyk howpsuz aralygy saklamak ýaly kadalar hökman berjaý edilmelidir.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## Ýewropa parlamentiniň başlygy saýlandy

**Ýewropa parlamentiniň başlygy wezipesine maltaly Roberta Metsola saýlandy. Metsola 705 agzasy bolan parlamentiň 458 wekiliniň sesini aldy. Bu wezipä 4 dalaşgär gatnaşdy. Ses berlişikde şwesiýaly Alis Bah Kunke 101 ses alyp ikinji boldy. Ispaniýadan Sira Rego 58 ses aldy.**

**Ýewropa halk partiýasynyň agzasy bolan Metsola 2013-nji ýyldan bäri deputat, 2020-nji ýyldan bäri Ýewropa parlamentiniň başlygynyň orunbasary wezipesinde işleýär. 43 ýaşly syýasatçy ses berlişikden soňra özüniň wezipe borçlarynyň parlamente wekilçilik etmekdigini belledi.**

**Ýeri gelende bellesek, 11-nji ýanwarda Ýewropa parlamentiniň başlygy Dawid Sassoli 65 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Italiýada doglan syýasatçy 2019-njy ýylyň iýul aýynda Ýewropa parlamentiniň başlyklygyna saýlandy. Onuň wezipe möhleti geçen hepde dolmalydy. Ol 17-20-nji ýanwar aralygynda geçirilen ses berlişige dalaşgärligini goýmandy.**



**Metsola fransiýaly Simona Weýlden (1979-1982) we Nikol Fontenden (1999-2002) soňra Ýewropa parlamentine başlyklyk etjek üçünji zenan bolar.**

## Söwda dolanyşygy täze rekord goýdy

Hytaýyň Baş gümrük gullugy tarapyndan ýaýradylan maglumatlara görä, 2021-nji ýylda Russiýa bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 35,8 göterim ösüp, rekord derejede – 146,887 milliard dollara barabar boldy. Hasabat döwründe Hytaýyň Russiýa eksporty ýyllyk görkezijide 33,8 göterim ýokarlanyp, 67,565 milliard dollara deň boldy. Russiýadan Hytaýa iberilýän önümler bolsa, 37,5% ýokarlanyp, 79,322 milliard dollara ýetdi.

2021-nji ýylyň dekabrynda Russiýa bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 16,44 milliard dollara ýetdi. Russiýa Hytaýdan 8,136 milliard dollarlyk haryt getiren bolsa, Hytaý Russiýa Federasiýasyndan 8,306 milliard dollarlyk haryt import etdi. 2020-nji ýylyň ahyrynda Russiýa bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 2,9 göterim azalyp, 107,76 milliard dollara deň bolupdy.

**Söwda dolanyşygy ýokarlanýar**

Hytaý Halk Respublikasynyň Baş gümrük gullugy tarapyndan ýaýradylan maglumatlara görä, 2021-nji ýylda ABŞ bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 28,7% ýokarlanyp, 755,645 milliard dollara barabar boldy. Hytaýyň Baş gümrük gullugynyň maglumatlaryna görä, 2021-nji ýylda Hytaýdan ABŞ-a eksport 27,5 göterim artyp,



576,114 milliard dollara ýetdi. Şol bir wagtyň özünde ABŞ Hytaýa 179,530 milliard dollarlyk haryt ugradyp, bu görkezijiniň 2020-nji ýyldakydan 32,7 göterim köpdügi bellenilýär. Aýry-aýrylykda, dekabr aýynda ABŞ bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 73,497 milliard dollara ýetip, Hytaýdan ABŞ-a eksport 56,365 milliard dollara, Hytaýyň ABŞ-dan importy 17,132 milliard dollara ýetdi.

## Takyk işleýän awiakompaniýalar mälim edildi

Seljeriş kompaniýasy «Cirium», uçuşlaryň we howa menzilleriniň işleriniň öz wagtynda berjaý edilişi baradaky 2021-nji ýylyň hasabatynyň netijelerine salgylanyp, takyk işleýän awiakompaniýalaryň sanawyny düzdi. Hünärmenler uçuşlaryň gelşi baradaky iň täze maglumatlar bilen 600-den gowrak çeşmäni derňediler. Uçuş 15 minutdan köp gijä galman ýerine ýetirilen bolsa «berjaý edilen» diýlip hasaplanýar. Maglumatlara esaslanyp, iň takyk işleýän awiakompaniýalaryň sanawy taýýarlandy.

Ýapon awiakompaniýasy «All Nippon Airways» (ANA) dünýäniň iň takyk işleýän awiakompaniýasy hökmünde ykrar edildi. Onuň uçuşlarynyň 95%-i öz wagtynda berjaý edildi. Şol bir wagtyň özünde Amerikanyň «Delta Air Lines»-i 2021-nji ýylda dünýäniň iň täsirli awiakompaniýasy diýlip yglan edildi. 2021-nji ýylda içerki gatnawlaryň 97,9%-ini takyk berjaý eden arzan bahaly göterijiler kategoriýasynda Ýaponiýanyň «Solaseed Air» awiakompaniýasy öňdeligi eýeleýär. Ýakyn Gündogar we Afrika kategoriýasynda – «Safair»-iň, uçuşlarynyň 96,4%-i öz wagtynda berjaý edildi. Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde öňdebaryjy ýapon awiakompaniýalary ANA we JAL öňdäki orny eýeleýärler.

**2021-nji ýylda iň takyk işlän awiakompaniýalar:** «All Nippon Airways», «Japan Airlines», «Aeroflot», «LATAM Airlines», «Delta Air Lines», KLM, «S7 Airlines», «American Airlines», «United Airlines», «Saudia».

Ispan kompaniýalary «IAG – Vueling» (92,1%), «Iberia Express» (91,8%) we «Iberia» (90,3%) Ýewropanyň iň gowy bäş ornundan üçüsine eýe boldy.

**2021-nji ýylda Ýewropadaky iň gowy awiakompaniýalar:** «Vueling», «Iberia Express», «Norwegian Air Shuttle», «Aeroflot», «Iberia», «Eurowings», «Austrian» LOT, KLM, ITA S.p.A.

2021-nji ýylda dünýädäki awiakompaniýalar tarapyndan, takmynan, 25 million uçuş amala aşyryldy. Bu 2020-nji ýyldakydan



10% köp, emma 2019-njy ýyldakydan 36% pesdir. Şeýle hem hasabatda uçuşy öz wagtynda amala aşyrýan dünýäniň öňdebaryjy aeroportlarynyň sanawy görkezilýär. Sanawda dünýäde iň takyk işleýän aeroport Tokiodaky «Haneda» halkara howa menzili hasaplanýar. 2021-nji ýylda bu howa menzilinden uçuşlaryň 95,6%-i öz wagtynda berjaý edilipdir.

## GÖKDIRÄNLER «Gün fermalaryna» öwrüler

**Amerikanyň «Ubiquitous Energy» kompaniýasy ABŞ-daky gökdiränleri äpet «Gün fermalaryna» öwürmegi meýilleşdirýär. Munuň üçin binalaryň penjireleri Gün energiýasyny elektrik toguna öwürmäge ukyply goşmaça gatlak bilen örtüler. Onuň galyňlygy birnäçe nanomillimetr bolup, simler arkaly tutuş ulgamy elektrik enjamlaryna birikdirer. Bu taslama üçin maliýe serişdeleri eýýäm bölünip berildi. Maýadarlar bu maksatlar üçin 70 million dollar goşant goşdular.**

**Goşmaça örtükli penjireleriň adaty penjirelerden 30% gymmat boljakdygy bellendi. Ýöne öndürijiler we maýadarlar global maýylganlyk meselesini gysga wagtda çözmegiň zerurlygyna ünsi jemleýärler. Olar munuň önüme bolan islegi artdyrjakdygyna ynanýarlar.**

**«Ubiquitous Energy» kompaniýasynyň Gün panelleriniň hilinde ýene bir**



**kemçilik bolup, olar adaty bäsdeşlerden onçakly öňe saýlanyp bilmeýärler. Olaryň täsiriniň 50% pesdigi bellenilýär. Munuň sebäbi onuň ýerleşýän ýagdaýy bolup, kese ýagdaýa garanyňda, Gün şöhleleri dik ýagdaýa az düşýär.**

## KÖP ÝURDA WIZASYZ BARYP BILERLER

Pasportlaryň gymmatyna baha berýän «Henley & Partners» halkara konsalting kompaniýasy dünýä ýurtlarynyň arasynda has täsirli pasporty anyklamak maksady bilen nobatdaky seljerişini geçirdi. Munda pasportuň gymmady onuň eýeleriniň syýahat etmäge açyk bolan ýurtlarynyň sany bilen kesgitlenilýär. Bu seljerişde Hal-



kara howa ýollary birleşiginiň (IATA) maglumatlary ulanyldy. Onuň netijesinde, bu tapgyrda syýahatçynyň şahsyýetini kepillendirýän iň täsirli resminamalaryň Singapuryň we Ýaponiýanyň raýatlarynyň pasportydygy belli bolup, onuň eýeleri hiç bir kynçylyksyz 192 ýurda baryp bilýän ekenler. Şeýlelikde, Singapuryň we Ýaponiýanyň pasportlary «Henley & Partners» kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, syýahatçylyk nukdaýnazaryndan iň naýbaşysy diýlip ykrar edildi.

Barlaglaryň netijesine görä, ikinji orny Günorta Koreýa Respublikasy eýeleýär. Şol bir wagtyň özünde Ýewropa ýurtlary ilkinji bäşlige girýär – Germaniýa Koreýa Respublikasy (190 ýurt we sebit) bilen birlikde ikinji orny eýeledi. Ispaniýa, Italiýa, Lýuksemburg we Finlýandiýa (189 ýurt we sebit) üçünji orny, Awstriýa, Daniýa, Niderlandlar we Şwesiýa (188 ýurt we sebit) dördünji orny, Irlandiýa we Portugaliýa (187 ýurt we sebit) bäşinji orny eýelediler.

Ilkinji onluga Belgiýa, Beýik Britaniýa, Täze Zelandiýa, Norwegiýa, ABŞ, Şweýsariýa (6-njy orun, 186 ýurt we sebit), Awstraliýa, Gresiýa, Kanada, Malta, Çehiýa (7-nji orun, 185 ýurt we sebit) Polşa, Wengriýa (8-nji orun, 183 ýurt we sebit), Litwa, Slowakiýa (9-njy orun, 182 ýurt we sebit), Latwiýa, Sloweniýa we Estoniýa (10-njy orun, 181 ýurt we sebit) ýaly ýurtlaryň pasportlary girýär.

Barlaglaryň netijelerine görä, Russiýanyň raýatlarynyň pasporty 46-njy orny eýeledi, bu bolsa 119 ýurda wizasyz gitmäge mümkinçilik döredýär. 2022-nji ýyl üçin geçirilen bu barlaglarda «COVID-19» bilen baglanyşykly dünýäniň dürli ýurtlaryndaky çäklendirmeleriň göz öňünde tutulmandygy bellenilýär. «Henley Passport Index»-iň barlaglary Halkara howa ýollary birleşiginiň (IATA) maglumatlaryna esaslanyp, 2006-njy ýyldan bäri her ýyl geçirilýär.

## Eser asyl nusga bolup çykdy

Sungat taryhçysy Kristofer Raýtyň 88 dollara satyn alan kartinasy meşhur niderland suratkeşi Antonis wan Deýkiň ajaýyp eseri bolup çykdy. Raýt ilki bu sungat eserini meşhur suratkeş wan Deýkiň çeken suratynyň ýönekeý nusgasydyr öýdýär. Soňra ol munuň nusga däl-de, eýsem, XVII asyrda Angliýanyň, Şotlandiýanyň we Irlandiýanyň koroly bolan Çarlz I kartinasynyň asyl nusgasydygyny ýüze çykarýar.

Sungat taryhçysy bu suraty Oksforddaky Eşmola muzeýiniň Ýewropa sungatynyň baş müdiri Kolin Harrisona eltip görkezende, ol bu eseriň awtorlygynyň wan Deýke degişlidigini öňe sürýär.

– Geň galaýmaly, men suratdaky käbir inçeliklere üns bermändirin – diýip, Kristofer Raýt belleýär.

Londondaky Kurto sungat instituty hem Harrisonyň sözlerini tassyklap, suratyň asyl nusgasydygyny Raýta habar berdi. «Kartina gaty üýtgeşik görünýär. Suratkeşiň ussatlygy, suratyň wan Deýkiň mekdebine degişlidigini, onuň diri wagty çekilendigini çaklamaga mümkinçilik berýär» diýlip, Kurto sungat institutynyň beýanatynda tassyklanýar.



Mundan ozal meşhur italýan suratkeşi Jowanni Battista Týepolonyň ýitirilen suratynyň Beýik Britaniýanyň Tauster şäheriniň golaýyndaky köne jaýyň üçeginden tapylandygy habar berildi. Bu kartina maşgala nesilleriniň 300 ýyl bäri şol bir jaýda ýaşap gelýän agzalarynyň biri tarapyndan tapyldy.

## Hünärmenler üçin TÄZE UGURLAR AÇYLÝAR

Dubaýyň häkimiýetleri zehinli daşary ýurtly erkin işleýänler üçin üç ýyllyk «Talent Pass» wizalaryny hödürleýär. Häzirki başlangyç ykdysadyýet, metbugat, bilim, tehnologiýa, sungat, marketing we maslahat beriş ýaly pudaklary ösdürmek maksady bilen emirlige aýratyn başarnykly döredijilik adamlaryny çekmek üçin niýetlenendir.

Täze «Talent Pass» resminamasy, öz eýesine üç ýyllyk ýaşamaga we DAFZ-yň çäginde ofis ýerini kärendesine almaga we 1800-den gowrak kompaniýanyň işleýän ösen zolakly ekoulgamyna girmäge hukuk berer. Täze başlangyç, işewürlik gurşawyny has-da janlandyrar we innowatorlar we zehinliler üçin global maksat hökmünde Dubaýyň ornuny berkider. «Talent Pass»-yň eýeleri «medeni wiza» eýe bolarlar.



2021-nji ýylyň sentýabr aýynda hem Dubaýyň Sungat we medeniýet edarasy suratkeşleriň rezident wizalary üçin arzalaryň kabul edilýändigini habar beripdi. «Medeni» wizalara eýe bolanlar, «Al Quoz» senagat sebitindäki täze ýöriteleşdirilen «Al Quoz Creative Zone» döredijilik zolagynyň ýaşaýjylary bolarlar. 2021-nji ýylyň ýazynda işe girizilen erkin zolagyň çäklerinde suratkeşler ýaşap, işläp, eserlerini görkezip, önümlerini satyp hem-de ussatlyk sapaklaryny geçip bilerler. Täze topar, Dubaýyň döredijilik ykdysadyýeti strategiýasynyň bir bölegine öwrüldi. Strategiýa laýyklykda, ýakyn 5 ýylda Dubaýda döredijilik kompaniýalarynyň sany 8 müňden 15 müňe, emirlikde ýaşaýan döredijilik hünärmenleriniň sany bolsa 70 müňden 150 müňe çenli (iş ýerleriniň sanyna görä) artar.

Täze başlangyjy durmuşa geçirmek baradaky ylalaşyga Dubaýyň howa menzilleriniň erkin ykdysady zolagynyň (DAFZ), Dubaýyň sungat we medeniýet edarasynyň hem-de Dubaýdaky ýaşaýyş we halkara gatnaşyklar boýunça Baş müdirliginiň ýolbaşçylary (GDRFA Dubai) gol çekdi. Bu edaralar zehinli hünärmenler üçin wiza we ygtyýarnama bermekde, şeýle hem Dubaýdaky biznesini ösdürmek nukdaýnazaryndan hünärmenlere beýleki hyzmatlary bermekde hyzmatdaşlyk ederler.

## DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY GÖWHERI

Dünýäniň iň uly gyrañlanan göwheri Birleşen Arap Emirlikleriniň (BAE) Dubaý şäherinde köpçülige görkezilip başlandy. 555,55 karatlyk «Enigma» atly gara göwher «Sotheby's» auksion öýi tarapyndan guraljak auksion arkaly satuwa çykarylar. Bilermenler göwheriň 5 million dollara satyljakdygyny çaklaýarlar. Bu gymmatly daşyň 2,6-3,8 milliard ýyl ozal asteroidiň Ýere gaçmagy bilen emele gelendigi çaklanylýar. Göwheriň düzüminde azot we wodorod bilen bir hatarda meteoridlerde duş gelýän osbornit minerały hem bar. «Enigma» 1990-njy ýyllarda Ýakyn Gündogar medeniýetinde güýjüň we goraglylygyň simwoly hasaplanýan palma şekilli nyşan bolan hamsa meňzedilip gyrañlanypdyr. Onuň ozalky eýesi göwheri gyrañlanan ýagdaýda satyn alan eken. Göwheriň Dubaýdan soňra Los-Anjelesde, Kaliforniýada we Londonda hem sergä çykaryljakdygy mälim edildi. 3-nji fewralda bolsa bir hepdeläp onlaýn sergide görkeziler. «Sotheby's»-iň BAE-däki



ýolbaşçysy Katýa Nunu Beýzi Dubaýyň bu seýrek göwher üçin ilkinji duralga hökmünde saýlanmagyna buýsanýandygyny we onuň millionlarça ýyl ozal başlan «syýahatyna» goşulandyklary üçin tolgunýandygyny aýtdy. Karbonado diýlip atlandyrylýan gara göwherleriň gurluşy başgaça bolup, olar gözenekli bolmagy bilen tapawutlanýar. Goýy reňkli bu göwherleriň öçügsi ýylpyldysy bolýar. Şeýle göwherleri ilkinji gezek 1841-nji ýylda portugal magdançylary Braziliýada tapdylar. Bu göwherler kömre meňzeş bolansoň, «karbonado» diýlip atlandyryldy.

«Sotheby's»-iň gymmatly şaý-sepler boýunça bilermeni Sofiýa Stiwens karbonado gara göwheriniň has irki döwürlerde ýüze çykandygyny belleýär. Onuň sözlerine görä ak we beýleki reňkli göwherler daşlaryň arasynda duş gelip, wulkanyň atylmagy netijesinde Ýeriň ýüzüne çykýar. Karbonado göwherleri bolsa, suw akymynyň çökündilerinde we gyrmançalarynda duş gelýär. Stiwens auksionda kriptopul arkaly edilýän teklipleriň hem kabul ediljekdigini aýtdy.

## Arheologlar Yraga dolanýarlar

**Fransuz-yrak arheologik toparynyň agzalary Yrakdaky gazuw-agtaryş işlerine täzeden girişdiler. Olaryň Gadymy Mesopotamiýa döwründen galan harabalyklary öwrenmek boýunça alyp barýan işleri ýurtda uzak wagtlap dowam eden ýagdaýlar sebäpli togtadylypdy. Ýöne indi daşary ýurtly alymlar bu ýere dolanyp gelýärler.**

**– Biz häzirki wagtda En-Nasiriýadan birnäçe kilometr uzaklykda, Yragyň günortasyndaky gadymy şäher bolan Larsanyň harabalyklarynda gazuw-agtaryş işlerini geçirýäris. Bu Yrakdaky iň uly arheologik sebitleriň biri bolup, bu ýerde gürrüň, takmynan, 200 gektardan gowrak ýer hakynda barýar. Korol**




**Filip Awgustyň döwründe Parižiň çäkleri hem şunça ýeri eýeläpdir – diýip, fransuz arheology Regis Walle belledi.**

**– Biziň ýüze çykaran tapyndylarymyz, bu ýerde, ýeriň aşagynda ybadathananyň harabalyklarynyň, şeýle hem gadymy aramgähleriň bolup biljekdigini çaklamaga mümkinçilik berýär – diýip, germaniýaly arheolog Ybraýym Salman aýdýar.**

**Arheologlar soňky wagtlarda bu ýerde köp sanly möhüm açyşlary etmegiň hötdesinden gelendiklerini bellediler. Ýüze çykarylan tapyndylaryň ählisi Bagdatda ýerleşýän Yrak muzeýine geçirilýär.**

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde

► **Parlament saýlawlary geçiriler.** Wengriýada ýurduň Premýer-ministrini we täze hökümetini kesgitleýän parlament saýlawlary 3-nji aprelde geçiriler. Bu barada ýurduň Prezidenti Ýanoş Ader mälim etdi. «Saýlaw hukugyna eýe bolan Wengriýanyň raýatlary umumy işlerimiziň dolandyrylyşyny kime ynanyljakdygyny erkin çözüp bilerler» diýip, döwlet Baştutany resmi web sahypasynda goýlan beýanatynda belledi. Saýlawlaryň netijelerine görä, Wengriýanyň Milli mejlisinde 199 orun kesgitlener.



► **Iň yssy ýyllar boldy.** Soňky ýedi ýyl (2015-2021) dünýäniň iň yssy ýyllary boldy. Şeýle-de, 2021-nji ýylda ortaça ýyllyk temperatura, ortaça, 0,3 derejä deň boldy. Maglumatlara görä, 2021-nji ýylyň dowamynda howadaky ýyladyşhana gazlarynyň toplanmasy ýokarlanmagyny dowam etdirip, kömürturşy gazynyň we metanyň global derejesi rekord derejä ýetdi. 2021-nji ýylda, ortaça, ýyllyk temperatura 1850-1900-nji ýyllardaky senagata çenli döwürden 1,1-1,2 dereje ýokary boldy. 2015-nji, 2018-nji we 2021-nji ýyllar soňky ýedi ýylda has yssy ýyllar boldy.



► **Iň uzyn suwasty geçelge.** Hytaýda gurluşygy dört ýyldan gowrak dowam eden iň uzyn suwasty awtoulag geçelgesi ulanmaga berildi. Bu geçelge Şanhaýdan, takmynan, 50 kilometr gündogarda ýerleşip, Szýansi welaýatyndaky Taýhu kölüniň aşagyndan geçýär. Uzynlygy 10,79 kilometre deň bolan bu geçelge ýokary tizlikli Suçžou, Usi we Çançžou ulag ýollaryny birleşdirýär. Giňligi 17,45 metr bolan 6 zolakly desganyň gurluşygyna, takmynan, 1,56 milliard dollar we iki million kubmetrden gowrak beton sarp edildi.



► **Dinozawryň bir görnüşi.** Niderlandlaryň Boksteldäki paleontologiýa muzeýinde dinozawryň täze görnüşi ýüze çykarylan bolmagy mümkin. 2018-nji ýylda muzeý gaznasynyň üsti diplodok diýlip çaklanan jandaryň süňkleri – uzyn boýunly we ägirt guýrugy bolan uly hažžykpisint dinozawr bilen dolduryldy. Ýöne bu ýerde hünär öwrenýän talyp, jandaryň süňkleri seplenenden soň, olary ýaňadan gözden geçirip, munuň düýbünden näbelli bir görnüşdigini kesgitledi. Indi goşmaça ylmy tejribe garaşylýar.



► **Dünýäniň ilkinji düýeli myhmanhanasy.** Myhmanlaryň «çöl gämilerini» özleriniň gözegçiligi astynda goýup bilýän «Rest Assured» myhmanhanasynda 120 otag bar. Düýeler Saud Arabystanynda meşhur bolup, patyşalykda basym altynjy gezek düýe festiwaly geçirilýär. Bu ýerde myhmanlara düýelere ideg etmek, olary tämizlemek we serenjam bermek teklip edilýär. Bäş ýyldyzly hyzmatlarda düýe süýdi hem hödürlenýär. Töleg bir gijelik bolup, takmynan, 400 saud riýalyna barabar.



► **Hytaý kompaniýasynyň goldawy.** Hytaýyň «Dabeinong Technology» kompaniýasy ýurtda çaga doglușyny ýokarlandyrmak üçin edilýän tagallalary goldaýar. Kompaniýa işgärlerine ilkinji çagasy üçin 4,7 müň dollar, ikinji çagasy üçin 9,4 müň dollar we üçünji çagasy üçin 14 müň dollar tölär. Kömek pullary şu ýylyň 1-nji ýanwaryndan soň tölenip başlandy. Mundan ozal Hytaý maşgalalaryň üçünji çagasynyň bolmagyna rugsat bermek maksady bilen kanuna üýtgetmeler girizip, dürli ýeňillikleri hödürläpdi.



► **Dünýä ummany gyzýar.** Ummanlar alty ýyl bäri temperatura rekordlaryny täzelemegini dowam etdirip, öňküsinden ýylaýar. Alymlar iň soňky maglumatlara esaslanyp, şeýle netijä geldiler. 14 institutyň 23 hünärmeni tarapyndan taýýarlanan iň soňky hasabat 2022-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda «Advances in Atmospheric Sciences» žurnalynda çap edildi. «Ummanlaryň ýylylyk mukdary bütin dünýäde yzygiderli artyp, bu ýagdaý howanyň antropogen üýtgemeginiň esasy görkezijisidir» diýip, Kolorado ştatynyň Milli atmosfera barlag merkeziniň alymy Kewin Trenbert aýtdy.

## TARYHDA ŞU GÜN

1976-njy ýylyň 21-nji ýanwarynda sesden tiz uçýan iňlis-fransuz ýolagçy uçary «Concorde» Londondan Bahreýne söwda maksatly ilkinji uçuşyny amala aşyrdy.

Sesden tiz uçýan ilkinji ýolagçy uçary «Tu-144»-den birnäçe aý soňra tanyşdyrylan «Concorde», ilkinji synag uçuşyny 1969-njy ýylda amala aşyrdy. Bu howa gämisi 2003-nji ýyla çenli Ýewropa bilen ABŞ-nyň arasynda yzygiderli ýolagçy gatnawyny amala aşyrdy.







Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Täsin festiwallar

**Dünýäde her ýyl müňlerçe festiwal geçirilýär. Festiwallar jemgyýet tarapyndan kesgitlenen, däp bolan we belli günlerde bellenilýän wakalardyr. Köp medeniýetlerde festiwallar ynanç we yrymlar, däp-dessurlar, hekaýatlar, baharyň gelmegi we hasyllylyk bilen baglanyşyklydyr. Diňe güýmenje maksatly geçirilýän festiwallara dünýäniň dürli künjeklerinden müňlerçe adam gatnaşýar. Ine, dünýäniň iň meşhur festiwallary:**

**«La Tomatina» festiwaly, Ispaniýa**

Bu festiwal Ispaniýanyň gündogaryndaky Walensiýa kenarýaka Bunol şäherinde geçirilýär. Iň meşhur şüweleňleriň biri bolan «Tomatina» gatnaşyjylar biri-birine pomidor zyňyşýarlar. Güýmenje maksatly guralyp, topar bolup geçirilýän bu festiwal 1945-nji ýyldan bäri her ýylyň awgust aýynyň soňky çarşenbesinde geçirilýär.

**Boryon palçyk festiwaly, Koreýa Respublikasy**

Koreýa Respublikasynyň Boryon şäherinde geçirilýän bu festiwal iki million töweregi adamyň gatnaşmagynda geçirilýär. Boryonyň palçyk meýdanlaryndan Teçhon deňiz kenaryna palçyk getirilýär. Festiwal iki hepde dowam edýär. Adatça, iýul aýynyň ikinji ýekşenbesinde geçirilýän bu festiwal 1996-njy ýyldan bäri bellenilýär. Boryon palçyk festiwalynda dürli baýrakly ýaryşlar, aýdym-sazly çäreler guralýar.

**«Notting Hill» festiwaly, London**

«Notting Hill» festiwaly dünýäde iň köp gatnaşylýan çäreleriň biridir. Festiwalda ýüzlerçe müň adam Londonyň Kensington etrabynyň «Notting Hill» köçesinde reňkli we täsin eşikleri geýip, baýramçylyk ýörişine gatnaşýarlar. Londonda Afrika medeniýetini ösdürmek maksady bilen geçirilýän dostluk şüweleňi ilkinji gezek 1960-njy ýyllarda bellenip başlanýar. Her ýylyň awgust aýynyň soňky şenbe we ýekşenbe günlerinde geçirilýän festiwala dürli milletleriň wekilleri gatnaşýarlar.

**Holi festiwaly, Nepal we Hindistan**

Her ýylyň fewral aýynda Hindistanda we Nepalda bahar baýramy bellenilýär. Festiwal gyşyň gutarmagyny, baharyň gelmegini we bereketli hasylyň alynmagyny arzuwlap geçirilýär. Hindi senenamasynda 11-nji aýyň 14-ine agşam oduň ýakylmagy bilen başlanýan şüweleň, ertesi gün reňk festiwaly bilen dowam edýär. Şol gün her kim birek-birege boýaglary zyňyşýarlar, köçeler



tans edýän, aýdym aýdýan, oýun oýnaýan şadyýan adamlar bilen dolýar. Bu baýramçylyk soňky ýyllarda dünýäniň köp sebitine ýaýrady. Söýginiň, reňkleriň we baharyň gelmegini aňladýan bu gyzykly festiwal birnäçe filmde hem öz beýanyny tapdy.

**«Rio» festiwaly, Braziliýa**

Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilýän festiwala iki million adam gatnaşyp, dünýäniň iň uly festiwaly hasaplanýar. Bu festiwal ilkinji gezek 1723-nji ýylda geçirilipdir. Her ýyl müňlerçe jahankeşdäni bu şähere getirýän festiwalda iki milliona golaý adam tansdyr aýdym-sazlary ýerine ýetirip, baýrakly çärelere gatnaşýarlar. Bu festiwal «Samba mekdebiniň» gatnaşyjylary tarapyndan guralyp, ol ýerli milletden, goňşy ýurtlaryň raýatlaryndan durýar.

**Loý Kratong we Ýi Pen festiwallary, Tailand**

Loý Kratong festiwaly Tailand Aý senenamasynyň 12-nji aýynyň 14-ine, ýagny dolan aýda bellenilýär. Bu festiwalyň ady terjime edilende, «ýüzýän sebet» diýmegi aňladýar. Festiwal bananyň agajyndan ýasalan sebetler, güller,



şemler, ýakymly ysly tüteltgi we banan agajynyň ýapraklary bilen bezelýär. Festiwaldan öň her kim öz sebedini ýasaýar. Aý al-asmana çykanynda bolsa tailandlylar taýýarlan sebetlerini arzuw edip suwa goýberýärler. Ýeri gelende bellesek, ýurtda şeýle festiwala meňzeş Ýi Pen şüweleňi hem geçirilýär. Şonda adamlar amala aşmagyny isleýän arzuwlaryny aýdyp çyralary uçurýarlar. Müňlerçe adamyň gatnaşmagynda geçirilýän bu festiwal her ýylyň noýabr aýynda geçirilýär.



# MANDARINIŇ PEÝDASY

Saglyk üçin miwedir gök önümleri iýmek möhümdir. Esasan hem, gyş aýlarynda immunitetiň peselmegi sebäpli bu önümler has köp iýilmelidir. Gyş aýlarynda ösdürilip ýetişdirilýän C witaminine baý bolan miweler dürli keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. Bulara mandarin, pyrtykal, greýpfrut, limon ýaly miweler degişlidir. Howa sowap başlansoň bazarlarda we dükanlarda peýda bolýan mandarin diňe saglyga peýdaly bolmak bilen çäklenmän, eýsem, süýji bolandygy üçin hem halanýar. Sitrus miwesi hasaplanýan mandarin A, B, C witaminlerine, kalsä, kalä, süýüme, demre we fosfora baýdyr. Mandarin pyrtykalyň aýratyn görnüşi bolup, ol mämişi ruto maşgalasyna degişlidir. Mandarin gyzylymtyl mämişi, narynç reňkli bolup, tagamy pyrtykaldan has süýji hasaplanýar. Mandarin beýleki sitrus miweleri ýaly mylaýym howa şertlerinde ösdürilip ýetişdirilýär. Onuň agajynyň ýapraklary ýylyň dört paslynda-da ýaşyl reňkini saklap, ýapraklary düşmeýär. Mandarin aprelde gülleýär we aprel, maý aýlarynda düwüp başlaýar. Güýzüne howa sowap başlanda miweleri bişýär. Mandariniň miweleriniň bişmegi gyşyň ortalaryna çenli dowam edýär. Mandarinleriň Dobaşi, Robinson, Li, Sanberst, Minneola, Sasuma, Nowa, Orri, Merkott ýaly köp görnüşi bar. Bu sitrus ösümliginiň diňe miwesi däl, eýsem, onuň ýapraklary hem-de tohumlary hem peýdalydyr. Mandariniň gabygy derini ýumşadyp, onuň ýapragyndan çaý taýýarlanýar. Bu çaý bedendäki holesterini peseldýär. Miwäniň gabygyndan ýakymly ysly sirke taýýarlanýar. Mandarin gyşyna iýlende, witaminleri we iýmitlilik gymmaty sebäpli sowuklama garşy peýdalydyr. Bu miwe immuniteti hem güýçlendirýär. Takmynan 100 gram mandarinde 53 kaloriýa bolýar. Mandariniň düzümindäki kaliniň we natriniň az mukdary gan basyşyny kadalaşdyrmaga kömek edýär.

◆ **Göz saglygyny goraýar.** Miwäniň göz saglygy üçin iň möhüm tarapy karotinoid häsiýetiniň bolmagydyr. Karotinoidleriň ýeterlik sarp edilmegi göz saglygyna peýdalydyr. A witaminine baý bolan bu miwe gözdäki gan basyşyny kadalaşdyrýar.

◆ **Derini iýmitlendirýär.** Käbir daşarky täsirler bedenimize zeper ýetirýär. Mandariniň düzümindäki peýdaly maddalar derini nemlendirýär. Bir wagtyň özünde ikiden köp mandarin iýmek maslahat berilmeýär.

◆ **Süňkleri berkidýär.** Orta ölçegli mandarin düzüminde, takmynan 146 milligram kaliý we mineral saklaýar. Kaliý bedeniň ähli organlaryna, öýjüklerine we dokumalaryna täsir edýär. Bu mineral böwrekleriň, myşsalaryň, nerwleriň, ýürek we iýmit siňdiriş ulgamlarynyň kadaly işlemegi üçin zerurdyr. Kaliý süňküň berkligi, saglygy üçin hem möhümdir.

# Gyr aýragy



Ýurdumyzyň dagdyr düzlüklerinde, derýadyr köllerinde jandarlaryň ýüzlerçe görnüşi ýaşaýar. Ýurdumyzda gabat gelýän jandarlaryň biri hem gyr aýraklarydyr. Bu jandarlar çalasyn we ýüwrük bolup, daglaryň kertlerinden, iri daşly ýapgytlardan aňsat inmegi, dik ýapgytly daglara ylgap çykmagy başarýarlar. Olar onlarça metr beýiklikden aşaklygyna säginmän böküp bilýär. Düşjek ýerleri daşlyk, ýylçyr gaýa bolsa-da, ilki şahlarynyň üstüne düşüp, aşyr atyp, ýene-de aýaklarynyň üstüne dik galyp gaçmaklaryny dowam etdirýärler. Gyr aýraklarynyň sesi goýunlaryň mäleýşine meňzeýär. Olar ys alşynyň güýçlüdigi sebäpli, duşmanlaryna şemalyň öwüsýän tarapyndan golaýlaşmagyna ýol bermeýärler. Eşidiş ukyby hem güýçli bolansoň, assyrynlyk bilen hereket etmäge çalyşýarlar. Olar käbir ýabany haýwanlaryň barmasy kyn bolan daglaryň beýik ýerlerindäki ot-çöpli ýerlerde ýaşaýarlar. Şol ýerler olara goranmak üçin amatly şert döredýär. Dag-daşlardan syzylyp çykýan çeşmeler olary suwdan hor etmeýär. Köplenç sürü bolup gezýän gyr aýraklarynyň aprel aýynda owlajyklary dünýä inip, olar köplenç ekiz bolýar. Gyr aýraklary tomsuň yssy günlerinde wagtlaryny günuzyn gaýalaryň, uly daşlaryň salkyn saýalarynda kölegeläp geçirýärler. Gyr aýraklarynyň esasy ýagysy möjekler bolsa-da, olaryň möjekleriň pidasy bolýan wagtyna duşmak gaty kyndyr. Gyr aýraklarynyň sanynyň köpelmeklerine, esasan hem, olaryň gezýän, suwlaýan ýerlerinde mallaryň bakylmagy täsir edýär. Gyr aýraklaryny goramak we olaryň sanyny köpeltmek işleri ýörite döredilen döwlet goraghanalarynda zähmet çekýän işgärleriň esasy wezipesi bolup durýar.

Bahar HEMRAÝEWA,
Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby,
Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýetiniň Lebap welaýat bölüminiň işjeň agzasy.

## ÇAGALAR

Süýdemdirijiler, süýrenijiler, ýerde-suwda ýaşaýanlar we hatda käbir mör-möjekler gyşy uklap geçirýärler.

### Gyş ukusyna gidýän jandarlar





Köp jandar üçin gyşda ýeterlik iýmit tapmak kyn bolýar. Şol sebäpden olaryň köpüsi gyşyna uka gidýärler. Haýwanlaryň energiýasyny tygşytlamak we gyşdan artykmaç iýmitlenmezden ýaşamak üçin ýürek urşuny haýallatmagyna «gyş ukusy» diýilýär. Käbir jandarlar gyşlamak wagtynda hereketini haýalladýan bolsa käbirleri süýji uka gidýärler. Uklaýan wagtynda olaryň bedeniniň gyzgynlygy peselýär we ýürek urşy haýallaýar. Şeýle jandarlar güýzüne has köp iýmitlenip, bedeninde has köp ýag emele gelýär. Bu ýag jandar uzak wagt uka gideninde bedeni üçin iýmit bolup hyzmat edýär. Ýagyň iki görnüşi bar - adaty ak ýag we goňur ýag. Goňur ýagy bolan haýwanyň beýnisi, ýüregi we öýkeni işini örän peseldýär. Oýanmagyň wagty gelende, bu synalary gaýtadan kadaly ýagdaýda işläp başlaýar. Jandarlaryň arasynda gemrijiler, kirpi, aýy, pyşbaga, ýarganat, gurbaga ýaly jandarlar çuň uka gidýärler. Süýdemdirijiler, süýrenijiler, ýerde-suwda ýaşaýanlar we hatda käbir mör-möjekler gyşy uklap geçirýärler. Aýylar gyş ukusyna gidýän jandarlaryň arasynda has belli bolsalar-da, olar hem diňe sowuk wagty ýatýarlar. Günorta-gündogar Aziýanyň yssy howa şertlerinde ýaşaýan aýylar uklamaýarlar. Sebäbi olar ýylyň dowamynda bol iýmitli ýerde ýaşaýarlar. Kirpi, ýarganat ýaly jandarlar her ýylyň oktýabr-noýabr aýyndan aprel-maý aýlaryna çenli uklaýarlar. Gemrijileriň käbir görnüşi güýzde ýygnan iýmitini gyşa saklaýar. Käbir mör-möjekler hem gyşyna uklaýarlar. Arylaryň käbir görnüşi ýeriň aşagynda hin gazyp, gyşy şol ýerde geçirýär.

### Näme üçin agaçlar doňmaýarka?





Agaçlaryň gyşda ähli ýapraklaryny düşürýändigi hemmelere mälimdir. Ýöne agaçlaryň gurak sowukda nädip guraman galýandygyny bilmek gyzykly bolsa gerek. Güýz paslynda köp jandar has köp iýmitlenýär. Bu bolsa olaryň derisiniň astyndaky ýag gatlagyny galňadýar. Şeýlelikde, olar ýetip gelýän gyşyň sowugyna has çydamly bolýarlar. Şeýle hem gyşyna jandarlaryň tüýi ösüp, olary sowukdan goraýar. Käbir haýwanlar bolsa, gyş ukusyna gidýärler. Tapawutlyrak hem bolsa, gyş ukusy dürli ösümliklere hem degişlidir. Sözbaşydaky sowala dolansak, sowukda adamlar ýylanmak üçin başgap, ellik ýaly egin-eşikleri geýýärler. Emma ösümliklerde beýle mümkinçilik ýok. Gaýtam tersine, olaryň ýapraklary ýa-da pürleri düşýär. Ösümlikler hem gyşdan çykmak üçin wagtlaýyn uka gidýärler. Bu döwürde olaryň metabolizmi, ýagny iýmit, suw sarp edişi, kömürturşy gazyny alyp, kislorod bölüp çykaryşy we ösüşi haýallaýar. Gyş paslynyň ilkinji döwründe ösümlikleriň köpüsiniň ýapraklary düşýär. Sowukda agajy iýmitlendiriji ýokumly maddalary öndürip bilmeýändigi sebäpli, energiýa bölünip çykmaýar, netijede ýapraklar dökülmek bilen bolýarlar. Agaçlar ýapraklaryny ýitirmegiň wagty gelende absis kislotasy atly himiki önüm öndürýärler (baldagyň ujunda emele gelýän dokuma). Bu kislota öýjükleriň bölünmeginiň öňüni alyp,



ösüşini togtadýar. Bu, esasan, ýaprakly agaçlarda bolýar. Şeýlelikde, agajyň uky wagtynda alyş-çalşy haýallaýar, bu bolsa öýjükleriň ösmeginiň öňüni alýar.

Agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň käbir görnüşiniň bolsa ýylyň ähli paslynda hem ýapraklary ýa-da pürleri düşmeýär. Hemişe gök öwüsýän bu ösümliklere gyşda ýapragy düşmeýän agaçlar bilen bir hatarda, hemişe yssy we ygally bolýan, ýagny, pasyl çalşygy bolmaýan ýerlerde ösýän agaçlar hem degişlidir.




Toty balyklarynyň togsana golaý görnüşi bolýar. Bu toparyň iň uly görnüşi Hindi we Ýuwaş ummanynda ýaşaýar. Olar merjen riflerinde, kenara golaý ýerlerde we suwotularyň bar ýerinde duş gelýärler. Bu balygyň uly görnüşleriniň uzynlygy 30–50 santimetr, kiçileriniňki bolsa 13 santimetre barabardyr. Onuň ady tumşugynyň şekili bilen baglydyr. Balygyň agzynda iki sany totyňky ýaly çüňk bolup, bu suwotyny iýmäge kömek edýär. Bu jandaryň esasy aýratynlygy merjen riflerini arassalamakdan ybaratdyr. Adatça açyk reňkli bolýan bu jandarlar merjen riflerine zeper ýetirýän otlary, ownuk daşlary iýýärler. Şeýlelikde, deňiz ekoulgamy üçin ähmiýetli bolan merjenleriň kadaly ösmegine ýardam edýärler. Şeýle-de bolsa, olaryň käbir görnüşi mollýusklar we ýyrtyjy jandarlar bilen iýmitlenýärler. Bu balyklaryň ýene bir täsin tarapy uklamazdan ozal daşyny pile bilen örtmegidir. Balygyň agzyndan çykýan bu örtük tutuş bedenini gurşap alýar. Şeýlelikde, ýyrtyjy jandarlar bu balygyň ysyny alyp bilmeýärler. Şeýle hem bu örtük dürli mugthorlardan hem goraýar.

Toty balyklarynyň reňki her ýyl üýtgeýär. Ilkibaşda gyzyl, goňur ýa-da çal reňkde bolýar, ulaldygyça açyk gülgüne, mämişi, sary, açyk ýaşyl ýa-da gök bolýarlar. Olar ýumurtgalar arkaly köpelýärler. Toty balyklary häzirki wagtda seýrek duş gelýän jandar bolup, olary goramak we köpeltmek babatda birnäçe işler alnyp barylýar. Munuň üçin suwotular köpeldilýär. Şeýle hem ony awlamak çäklendirilendir.

Labirint






**ZEHIN SOWALY 3**

Suratda 18 kwadrat bar!
Siz näçesini taparsyňyz?



| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ý | N | K | A | R | T | A | K | I | G |
| E | R | I | O | T | O | S | U | L | A |
| R | O | Ý | N | A | W | A | Ç | A | R |
| T | G | A | L | T | A | K | Ü | Ö | L |
| U | U | Ş | F | Ü | D | I | M | R | A |
| D | Ý | P | O | M | I | D | O | R | W |
| A | M | O | T | O | S | I | K | L | A |
| N | I | G | Ü | L | Ä | L | E | K | Ç |
| A | N | O | Ü | L | E | Ň | Ň | E | Ç |





Sahypany taýýarlan Aýgözel AMANGELDIÝEWA.

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**

## SPIRAL KROSSWORD



Üç ölçegli surat




**DAŞYNDAN IÇINE:** **1-7.** Awstraliýanyň nyşany bolan jandar. **7-10.** Türkmen milli tagamy. **10-16.** Konditer önümi. **16-22.** Trolleýbus, awtobus, taksi ýaly gatnaw serişdeleriniň ýolagçylary düşürmek we mündürmek üçin ýörite durýan ýeri. **22-28.** Angliýanyň futbol topary. **28-37.** Meşhur sport awtoulag kompaniýasy. **37-41.** Bogun-bogun guýrugy arkan jaýtarylyp duran, zäherli mör-möjek. **41-46.** Beýik iňlis matematigi, fizigi we astronomy Isaak .... **46-48.** Miwe. **48-52.** Okuw esbaby. **52-58.** Dermanlyk ösümlik. **58-63.** Demirgazyk Amerikada bir döwlet. **63-65.** Süýji däl. **65-70.** Gulakhalka. **70-74.** Aýlaryň biri. **74-77.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **77-80.** Aşhana guraly. **80-84.** Ýük ulagy. **84-87.** Meşhur egin-eşik brendi. **87-89.** Düýp, aşagy. **89-93.** Belgi, nyşan. **93-99.** Tahýanyň öň tarapyndan dakylýan kümüş şaý. **99-103.** Gök ýa-da ýaşyl reňkli gymmatbaha daş.

**Aknabat GURBANOWA,** *Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*



**DIKLIGINE:** **2.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **3.** Asly, ata-babalary bir bolan adamlar. **4.** Hazar deňziniň gadymy ady. **5.** «Ýat gelip, aşna bolynça, aşna ... elden gider» (nakyl). **6.** Amerikan ýazyjysy ... Rid. **7.** Dagda deräniň gutaran ýerindäki uçut, kert ýer. **8.** Reňk. **9.** Ynsanyýet, adam nesli. **10.** At ýörişiniň ýorga ýakyn bir görnüşi. **11.** «... ylmyň şinesidir, zehin – tohumydyr» (nakyl). **13.** Däneli, otjumak ösümlik. **16.** Angliýanyň futbol topary. **17.** Zalym, sütemkeş. **20.** Dünýäde bir yklym. **22.** Deňizde gulluk edýän, işleýän adam. **24.** Ussanyň iş guraly. **25.** Gyzgylt-mele (atyň reňki hakynda). **26.** Agşam, iňrik garalan çagy. **28.** Albaniýanyň pul birligi. **29.** Gel-.... **30.** Angliýada ulanylýan ýer ölçeg birligi. **36.** Ýurdumyzda neşir edilýän žurnallaryň biri. **39.** Araba ýasaýan ussa. **40.** Heniz per, ýelek çykarmadyk guşuň çagasy. **41.** Himiýada gazlaryň bir görnüşi. **42.** Uzynlyk ölçeg birligi. **44.** Çoýundan, demirden, alýuminden ýasalan nahar bişirilýän agzy gapakly gap. **45.** Agaçdan, dürli galyňlykda, ýasy görnüşde kesilen agaç. **46.** Azyk (köne söz). **48.** Planeta. **50.** Isleg, talap, ygtyýar. **51.** Ak reňkli irimçik nah mata.

**KESELIGINE:** **1.** Dag geçelgesi. **5.** Buduň çatalba birleşýän ýeriniň iç ýüzi. **8.** Çalasyn hereket etmek üçin bat alynýan başlangyç, daýanç nokady. **11.** Dört tarapy suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **12.** Bir zada närazyçylyk bildirip, dilden edilýän şikaýat. **14.** Aw guşy. **15.** Bir tarapy açyk dörtburçlugyň burçlaryny birikdirýän atanak çyzylyp, iki adam bolup çöp göçülýän oýun. **16.** «We» sözüniň iňlisçesi. **18.** Bir zadyň san boýunça görkezijisi. **19.** Ýakymly ysly iýilýän otuň bir görnüşi. **21.** «Içi un ýaly, daşy gan ýaly» (matal). **23.** Zogdurylyp suw we bug çykýan gyzgyn çeşme. **24.** Bir ýerde bile işleýän kärdeş. **27.** Seresap, ägä, hüşgär. **28.** Tokga tutan, goýalan. **31.** Bir ýaşdan iki ýaşa çenli aralykdaky geçi. **32.** Ýüz ýyllyk döwür. **33.** Saçbagyň ujuna dakylýan kümüş ýa altyn şaý. **34.** Göwrüm ölçeýän ölçeg birligi. **35.** Bir zadyň gysaryp, öwrüm berýän ýeri, aýlaw. **37.** Oglana dakylýan at. **38.** Aziýada bir döwlet. **40.** Geçmişde ulanylan gyzyl, tylla pul birligi. **42.** Küşdüň çöpleriniň umumy ady. **43.** N.W.Gogolyň «Derňewçi» eseriniň baş gahrymany. **45.** Täze tutulan aw guşunyň kellesine tä eldeki bolýança geýdirilýän gaýyş gap. **47.** Ýagty, şöhle. **49.** Gadymy döwürlerde hat ýazmak üçin kagyz deregine ulanylan material. **52.** Suwuň ýüzünde ýüzüp ýörýän, çybyna meňzeş möjejik. **53.** Ýewropada bir derýa. **54.** Ownuk däl, uly. **55.** «... gyzyň baryp gujagyna doldy» («Görogly» eposy). **56.** Köşkdäki hyzmatkär gyz. **57.** A.Kekilowyň «Söýgi» romanynyň bir gahrymany.

## 3-nji KROSSWORD

**Abat BERDIÝEWA,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*



**DIKLIGINE:** **1.** Oglana dakylýan at. **2.** Ot, ýalyn. **3.** Ýurdumyzda bir etrap. **4.** Sözlemiň baş agzasy. **5.** Ýylgyn, sazak ýaly agaçlaryň iňňe şekilli inçejik ýapraklary. **6.** «... ýörän alys gider» (nakyl). **8.** Gemriji jandar. **9.** Un elenende galýan ownuk däne gabyklary. **10.** Zulum. **11.** Iki ýa-da dört tigirli eşege, ýaba goşulýan ulag serişdesi. **12.** Ýurdumyzda dynç alyş zolagy. **13.** Okalyp alynýan bilim. **14.** Akja tozga görnüşinde ýere düşýän ygal. **15.** At esbaby. **16.** Uly göwrümli kyssa eseri. **21.** ...-pes. **23.** Miwe. **25.** Uly kädili, köp kirişli, kiriş kakar bilen çalynýan halk saz guraly. **26.** Peliň gyrasyna çekilýän, uzap gidýän beýiklik. **27.** Az, seýrek. **31.** Hat-ýazuw işlerini alyp barýan adam. **33.** Ýalpak çukur. **34.** Hakyky däl, ýasama. **35.** Gyzlaryň ýeňse çukurynda goýulýan çogdam saç. **36.** Suw jandary. **37.** Ýiti däl. **38.** Ekin ekmek üçin töweregi çillenen dörtburç görnüşli ýer, atyz. **39.** Saz guraly. **40.** Mähriban ynsan. **45.** Penjegiň, köýnegiň we ş.m ýakasyna, ýeňine dakylýan düwme. **47.** Rowaýatçy, hekaýatçy. **49.** Iňrik garalan çagy. **50.** Inçe çal ýaprakly miweli uly agaç. **52.** ...-kanun. **53.** Dört tarapy suw bilen gurşalan gury ýer bölegi.

**KESELIGINE:** **1.** Ýarymaý görnüşli palta. **3.** Owunjak sanjylýan sanjym görnüşinde salnan nagyş. **5.** Ak altyn. **7.** Uzyn ýaprakly çeýe şahaly agaç. **9.** Uzyn däl. **11.** Sergezdan. **13.** Çepiň garşylykly tarapy. **15.** Miwe. **17.** Däneli ekin. **18.** Aýaga geýmek üçin tikilýän gap. **19.** Sygyr sürüsi. **20.** Adamyň egni, gerdeni. **22.** Bir zat hakynda edilýän oý, pikir, gam. **24.** Miweli agaç. **27.** Nesilden nesle geçijiligiň iň ýönekeý birligi. **28.** Bir era. **29.** Taraplary gönüburçluk şekilinde boglan saman. **30.** Milli tagam. **31.** Kesp-.... **32.** Sowuk ýaraglaryň umumy ady. **34.** Bir ýaşyna ýeten geçi. **36.** Köp, kän. **41.** Aşhana guraly. **42.** Gülli keçeleriň ortasyna basylýan, goç şahy görnüşli nagyş. **43.** Çarh oturtmak üçin guýynyň agzynyň iki gapdalyna dikilýän agaç. **44.** Iş guraly. **46.** ...-isleg. **48.** Balyk tohumyndan taýýarlanýan iýmit önümi. **51.** Akyly gysga. **54.** Ýyl hasaby ýöredilip ugran başlangyç pursat. **55.** Oglana dakylýan at. **56.** Maslahat beriji, geňeşdar. **57.** Gelin-gyzlaryň göterýän bukjasy.

## 4-nji KROSSWORD

**Eset ÖWÜLÝAGULYÝEW,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*




**2-nji krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| H | A | Ý | B | A | T | | A | L | A | B | A | Ý | | B | A | T | M | A | N | | A | L | A | B | A | G |
| | D | | I | | A | Ý | | I | | A | | A | Ş | A | | O | | K | | I | N | | T | | Ý | |
| G | A | H | R | Y | M | A | N | | A | H | A | L | | S | A | P | A | L | A | K | | G | A | R | A | K |
| Y | | A | | Z | | R | | A | G | A | | A | Ý | Y | | A | M | Y | | I | | A | | A | | Ä |
| Ş | A | T | L | A | K | | O | K | A | R | Y | K | | M | Ä | R | E | K | E | | A | R | Ç | M | A | N |
| | R | | E | | E | R | K | | Ý | | Z | | | | Ş | | R | | N | A | N | | A | | L | |
| Ş | A | L | G | A | M | | A | D | A | L | A | T | | K | E | M | I | N | E | | T | U | L | P | A | R |
| A | | E | | B | | Ü | | A | N | A | | U | R | A | | E | K | E | | T | | R | | I | | O |
| L | A | K | G | A | | S | A | L | A | M | A | T | | T | U | L | A | | T | A | K | Y | K | L | Y | K |
| | S | | Ö | | I | T | | D | | P | | D | O | R | | E | | I | | Ý | A | | Ö | | Ş | |
| A | T | A | N | A | K | | S | A | H | A | R | A | | A | R | K | A | L | Y | | P | A | Ý | E | K | I |



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

**Ýewropada tapgyryň esasy duşuşyklary:**

22-nji ýanwar: Hoffenhaým — Borussiýa D (19:30), Man. Ýunaýted — West Ham (20:00), Southempton — Man. Siti (22:30), Lasio — Atalanta (00:45), Atletiko — Walensiýa (01:00), Lans — Marsel (01:00), Sporting — Braga (01:30)
23-nji ýanwar: PSW — Aýaks (18:30), K. Palas — Liwerpul (19:00), Galatasaraý — Trabzonspor (21:00), Çelsi — Tottenham (21:30), Herta — Bawariýa (21:30), Milan — Ýuwentus (00:45), PSŽ — Reýms (00:45)

# Türkmen toparlarynyň AFK-nyň ýaryşlaryndaky toparçalary belli boldy





Ýurdumyzyň wise-çempiony «Ahal» toparynyň täze möwsümde AFK Çempionlar Ligasynda çykyş etjekdigi ozal belli bolupdy. Yklymyň iň uly klub ýaryşyna ilkinji gezek gatnaşýan «Ahal» toparynyň toparçalardaky garşydaşlary belli boldy. Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpurda geçirilen bije çekiliş dabarasynda «Ahal» topary «C» toparça düşüp, ildeşlerimiz BAE-niň «Şabab Al-Ahli», Eýranyň «Fulad Huzestan» hem-de Kataryň «Al-Garafa» toparlary bilen bije çekişdi. 10 toparça bolup, her toparçada 1-nji orny eýelänler hem-de ikinji ýeri eýelänleriň iň gowy netije görkezen 6-sy ýaryşy dowam etdirerler. Toparçalardaky duşuşyklar merkezleşdirilen meýdançada geçiriler. 7–27-nji aprel aralygynda geçiriljek 6 oýnuň netijesinde öňe saýlananlar ýaryşy dowam ederler.

**«A»:** «Al-Hilal» (S. Arabystany), «Al-Raýýan» (Katar), «Istiklol» (Täjigistan), pleý-offuň ýeňijisi
**«B»:** «Al-Jazira» (BAE), «Al-Şabab» (S. Arabystany), «Mumbai Siti» (Hindistan), «Al-Kuwa Al-Juwa» (Yrak)
**«C»:** «Fulad» (Eýran), «Şabab Al-Ahli» (BAE), «Ahal» (Türkmenistan), «Al-Garafa» (Katar)
**«D»:** «Al-Duhail» (Katar), «Sepahan» (Eýran), «Pahtakor» (Özbegistan), pleý-offuň ýeňijisi
**«E»:** «Al-Saad» (Katar), «Al-Faýsaly» (S. Arabystany), «Al-Wehdat» (Iordaniýa), pleý-offuň ýeňijisi
**«F»:** «Şandun Taýşan» (Hytaý), «Urawa Red Daýmonds» (Ýaponiýa), «Lion Siti Seýlors» (Singapur), pleý-offuň ýeňijisi
**«G»:** «BG Pathum Ýun» (Tailand), «Çonnam Dragons» (G. Koreýa), «Ýunaýted Siti» (Filippinler), «Melburn Siti» (Awstraliýa)
**«H»:** «Çonbuk H. Motors» (G. Koreýa), «Ýokohama F. Marines» (Ýaponiýa), «Hoang Anh Gia Lai» (Wýetnam), pleý-offuň ýeňijisi
**«I»:** «Kawasaki Frontal» (Ýaponiýa), «Guangžou» (Hytaý), «Johor Darul Ta'zim» (Malaýziýa), pleý-offuň ýeňijisi
**«J»:** «Şanhaý Port» (Hytaý), «Çiangrai Ýunaýted» (Tailand), «Kitçi» (Gonkong), pleý-offuň ýeňijisi

● Türkmenistanyň çempiony «Altyn asyr» futbol toparynyň, şol sanda «Köpetdag» toparynyň AFK Kubogy ýaryşyndaky garşydaşlary çekilen bijeden soň mälim boldy. «Altyn asyr» topary «E» toparçada çykyş eder. Ildeşlerimiz bu toparçada Özbegistanyň «Nasaf» ýa-da «Sogdiana», Täjigistanyň paýtagty Duşanbeniň «SSKA Pamir» hem-de Gyrgyzystanyň «Neftçi» klublary bilen bije çekişdi. «F» toparçada çykyş etjek «Köpetdag» topary Täjigistanyň Kubogynyň eýesi «Hujand» hem-de Gyrgyzystanyň çempiony «Dordoý» bilen duşuşar. Merkezleşdirilen meýdançada geçiriljek duşuşyklaryň netijesinde toparçalarda 1-nji orny eýelänler ýaryşy dowam ederler. Toparçadaky duşuşyklar 24–30-njy iýun aralygynda geçiriler.

**«A»:** «Al-Ansar» (Liwan), «Al-Seeb» (Oman), «Jableh» (Siriýa), «Al-Kuwait» (Kuweýt)
**«B»:** «Al-Riffa» (Bahreýn), «Şabab Al-Halil» (Palestina), «Dofar» (Oman), Al-Arabi» (Kuweýt)
**«C»:** «Tişreen» (Siriýa), «Nejmeh» (Liwan), «Ist Raffa» (Bahreýn), «Hilal Al-Kuds» (Palestina)
**«D»:** «Gokulam Kerala» (Hindistan), «Başhundhara Kings» (Bangladeş), «Maziýa» (Maldiwler), pleý-offuň ýeňijisi
**«E»:** «Nasaf»/«Sogdiana» (Özbegistan), «Altyn asyr» (Türkmenistan), «SSKA Pamir Duşanbe» (Täjigistan), «Neftçi» (Gyrgyzystan)
**«F»:** «Hujand» (Täjigistan), «Dordoý» (Gyrgyzystan), «Köpetdag» (Türkmenistan)
**«G»:** «Kaýa FK – Illoile» (Filippinler), «Bali Ýunaýted» (Indoneziýa), «Kedah Darul Azman» (Malaýziýa), pleý-offuň ýeňijisi
**«H»:** «Kuala Lumpur Siti» (Malaýziýa), «Tampines Rowers» (Singapur), «PSM Makassar» (Indoneziýa)
**«I»:** «Wiettel» (Wýetnam), «Hougang Ýunaýted» (Singapur), «Pnom Pen Krown» (Kamboja)
**«J»:** «Istern» (Gonkong), «Çao Pak Kei» (Makao), «Tainan Siti» (Hytaý Taýpeýi), pleý-offuň ýeňijisi

# FIFA ýylyň iň gowularyny saýlady

Dünýä futbolynyň hojaýyny FIFA ýylyň iň gowularyny — «The Best» baýraklarynyň ýeňijilerini mälim etdi. FIFA-nyň Şweýsariýadaky ştab-kwartirasynda (Sürih şäherinde) geçirilen dabara baýrak alanlar onlýan görnüşde gatnaşdylar. Dabarada ýylyň futbolçysy baýragyna «Bawariýanyň» polşaly hüjümçisi Robert Lewandowski laýyk görüldi. Yzly-yzyna ikinji gezek bu hormata mynasyp bolan Lewandowski Mohamed Salah hem-de Lionel Messiden öňe saýlandy.

Ýylyň iň owadan goluna berilýän Puşkaş baýragyna «Arsenal» duşuşygynda geçiren goly üçin «Tottenhamyň» argentinaly ýyldyzy Erik Lamela mynasyp boldy.

«FIFA Fair Play» baýragy Kristian Erikseniň halas edilmeginde uly rol oýnan Daniýanyň ýygyndysyna hem-de saglyk toparyna gowşuryldy. «FIFA Janköýer» baýragy-da Daniýa—Finlýandiýa duşuşygyndaky janköýerlere berildi.

FIFA-nyň ýörite baýragyna erkekleriň hem-de zenanlaryň arasynda milli ýygyndylaryň iň köp gol geçiren oýunçylary, degişlilikde, portugaliýaly super ýyldyz Kristiano Ronaldo bilen kanadaly Kristine Sinkleýr mynasyp boldy.


Robert Lewandowski

Ýylyň zenan futbolçysy baýragyna «Barselona» toparynyň ýyldyzy Aleksia Putellas laýyk görüldi. Ol bu baýragy gazanan ilkinji ispaniýaly zenan futbolçy boldy.

● **Ýylyň tälimçileri – «Çelsiden»**

«Çelsini» UEFA Çempionlar Ligasynda çempionlyga ýetiren germaniýaly Tomas Tuhel ýylyň tälimçisi baýragy bilen sylaglandy. Ol bu ugurda italiýaly Roberto Mançiniden hem-de ispaniýaly Pep Guardioladan öňe saýlandy. Zenan futbolynda 2021-nji ýylyň iň gowy tälimçisi diýlip, «Çelsi» zenanlar toparynyň tälimçisi – angliýaly Emma Haýes ykrar edildi. «Çelsiniň» senegally derwezeçisi Eduard Mendi ýylyň erkek derwezeçisi, çilili Kristiane Endler (PSŽ/«Lion») ýylyň zenan derwezeçisi diýlip saýlandy.

● **Ýylyň simwolik toparlary**

FIFA-nyň hem-de FIFPro-nyň bilelikde saýlan ýylyň simwolik ýygyndysyna-da şu futbolçylar atlaryny ýazdyrmagy başardylar:

**Erkekler:** Janluiji Donnarumma; Ruben Diaş, Leonardo Bonuççi, Dawid Alaba; N'Golo Kante, Žoržinio, Kewin De Bruýne; Kristiano Ronaldo, Erling Holann, Lionel Messi, Robert Lewandowski.

**Zenanlar:** Kristine Endler; Lusi Bronz, Wendi Renar, Milli Braýt, Magdalena Eriksson; Estafania Banini, Karli Lloýd, Barbara Bonansea; Wiwianne Miedema, Aleks Morgan, Marta.

# Afrika Milletler Kubogy dowam edýär

Kamerunda dowam edýän Afrika Milletler Kubogynda 1/8 finala çykan ýygyndylaryň hemmesi diýen ýaly belli boldy. «A» toparçada ýer eýeleri Kamerun 7 utuk bilen birinji orny eýeledi. Toparyň hüjümçisi Winsent Abubakar 4 gol bilen çempionatyň iň netijeli futbolçylarynyň sanawynda öňdäki orny eýeleýär. «D» toparçada Nigeriýanyň milli topary Sudanyň ýygyndysyny 3–1, Gwineýa-Bissaunyň ýygyndysyny-da 2–0 ýeňip, 9 utuk toplady. Toparçanyň beýleki güýçli ýygyndysy Müsür Gwineýa-Bissauny Salahyň, Sudany-da Abdelmonemiň goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. «C» toparçada Marokko bilen Gabon 1–2-nji ýerleri eýeledi. Bu kubogyň 4 gezek çempiony Gana bolsa 4-nji orny alyp, ýaryşy dowam etdirip bilmedi. 1/8 finalyň oýunlary 23–26-njy ýanwar aralygynda geçiriler.



**Toparçalardaky 2–3-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

● **«A»:** Kamerun—Efiopiýa: 4–1, Kabo Werde—Burkino Faso: 0–1, Kabo Werde—Kamerun: 1–1, Burkino Faso—Efiopiýa: 1–1; **«B»:** Senegal—Gwineýa: 0–0, Malawi—Zimbabwe: 2–1, Malawi—Senegal: 0–0, Zimbabwe—Gwineýa: 2–1; **«C»:** Marokko—Komorlar: 2–0, Gabon—Gana: 1–1, Gabon— Marokko: 2–2, Gana—Komorlar: 2–3; **«D»:** Nigeriýa—Sudan: 3–1, Gwineýa-Bissau—Müsür: 0–1, Gwineýa-Bissau—Nigeriýa: 0–2, Müsür—Sudan: 1–0; **«E»:** Kot-d'Iwuar—Sierra Leone: 2–2, Alžir—Ekwator Gwineýasy: 0–1, Kot-d'Iwuar—Alžir, Sierra Leone—Ekwator Gwineýasy; **«F»:** Gambiýa—Mali: 1–1, Tunis—Mawritaniýa: 4–0, Gambiýa—Tunis, Mali—Mawritaniýa.



**1/8 finalyň duşuşyklary:**
Burkino Faso—Gabon, Nigeriýa—E3»/«F3», Senegal—Kabo Werde, «F1»—«E2», Gwineýa—«F2», Kamerun—«C3»/«E3», «E1»—Müsür, Marokko—Malawi

# 44-nji Dakar Rallisi tamamlandy

Dünýäniň iň kyn ýaryşlaryndan bolan Dakar Rallisi tamamlandy. 3-nji ýola Saud Arabystanynda geçirilen 44-nji Dakar Rallisinde ýeňil awtoulag görnüşinde katarly Nasser Al-Attiýa («Toyota Gazoo») ýeňiş gazandy. Ol pellehana 38 sagat 33 minut 03 sekuntda gelip, karýerasynda 2011-nji, 2015-nji we 2019-njy ýyllardan soň 4-nji gezek çempionlyk gazandy. «Bahreyn Raid» toparynyň fransiýaly sürüjisi Sebastian Lýob 2-nji, arabystanly Ýazid Al-Rajhi («Overdrive Toyota») 3-nji orny eýeledi.

Motosiklçileriň arasynda «Gas Gas» toparynyň britaniýaly sürüjisi Sem Sanderland 2-nji gezek çempionlyk gazanyp, ol 38 sagat 47 minut 30 sekuntlyk netije görkezdi. Ol 2017-nji ýylda-da çempion bolupdy. Sanderlanddan 3 minut 27 sekunt yza galan Pablo Kuintella 2-nji, ýeňijiden 6 minut 47 sekunt soň pellehanadan geçen awstriýaly Mattias Wolkner («Red Bull KTM») 3-nji orna mynasyp boldy.

Ýük ulaglarynyň sürüjileriniň arasynda ýene-de «Kamaz» toparynyň sürüjileri öňdäki 3 orny eýelediler. Russiýaly Dmitriý Sotnikowyň ekipažy bassyr 2-nji çempionlygyny gazanyp, ol watandaşlary we topardaşlary Eduard Nikolaýewden hem-de Anton Şibalowdan öňe saýlandy.

Kuadrasiklçileriň ýaryşynda 6-njy gezek Dakar Rallisinde çykyş eden fransiýaly Aleksandr Žiru («Yamaha») çempion bolup, ol 50 sagat 01 sekuntda pellehana geldi. Argentinaly Françisko Moreno bilen polşaly Kamil Wisniewski 2–3-nji orunlara mynasyp boldular.

Ýeňil prototip ulaglaryna (SxS, T3) erk edýänleriň arasynda-da ýeňiş çilili Françisko Lopez Kontardonyň tarapynda bolup, ol 2019-njy ýyldan soň ikinji gezek Dakaryň ýeňijisi adyny eýeledi. UTV (T4) görnüşli ulaglaryň sürüjilerinden «Can-Am» toparynyň amerikaly türgeni Ostin Jonsa (47 sagat 22 minut 50 sekunt) taý tapylmady. Ol ispaniýaly Jerard Farresden 2 minut 37 sekunt, litwaly Rokas Basiuskadan 15 minut 18 sekunt öň pellehana gelmegi başardy.

Nusgawy ulaglaryň («classic») sürüjileriniň bäsleşiginde-de «Toyota Land Cruiser» kysymly ulagy bilen fransiýaly Serž Mono ýeňiş gazandy.


Nasser Al-Attiýa


Sem Sanderland

# Altyn medallaryň ählisini russiýaly türgenler gazandylar

Figuralaýyn typmak boýunça Estoniýanyň paýtagty Tallinde geçirilen Ýewropa çempionaty tamamlandy. Çempionatda edil 2020-nji ýylda bolşy ýaly, ähli altyn medallary-da russiýaly türgenler gazandylar. Çempionat geçen ýylda dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar sebäpli geçirilmändi. Erkekleriň arasynda ýekeleýin ýaryşda Mark Kondratýuk ýeňiş gazandy. Ol gysga programmada 2-nji ýeri eýelese-de, erkin typmakda öňe saýlanyp, umumylykda 286,56 utuk bilen ilkinji altyn medalyna mynasyp boldy. Bu ugurda italiýaly Daniel Grassi 2-nji, latwiýaly Denis Wasilýews 3-nji orny eýeledi.


Mark Kondratýuk Kamila Waliýewa



A. Stepanowa, I. Bukin, W. Sinisina, N. Kasalapow

Zenanlaryň arasynda 15 ýaşyndaky Kamila Waliýewa altyn medala mynasyp boldy. Waliýewa gysga programmada 90,5 utuk toplap, bu ugurda rekord goýdy. Erkin typmakda Anna Şerbakowadan sähelçe öňe saýlanan we umumylykda 259,06 utuk toplan Waliýewa ilkinji gezek gatnaşan çempionatynda münberiň çür depesine çykdy. Ýaryşda 2020-nji ýylda 2–3-nji orny eýelänler – degişlilikde, russiýaly Anna Şerbakowa bilen Aleksandra Trusowa bu gezek hem şol başarnyklaryny gaýtaladylar.

Jübütleriň arasynda-da 3 medaly-da russiýaly türgenler eýeläp, altyn medala Anastasiýa Mişina bilen Aleksandr Gallýamow ikisi mynasyp boldy. 2017-nji we 2018-nji ýyllaryň çempiony Ýewgeniýa Tarasowa bilen Wladimir Morozow ikisi yzly-yzyna 3-nji gezek kümüş medal gazandylar. Bürünç medala-da 2019-njy ýyldan soň 2-nji gezek Aleksandra Boýkowa bilen Dmitriý Kozlowskiý ikisi mynasyp boldy.

Buzda tans etmek bäsleşiginde russiýaly Wiktoriýa Sinisina bilen Nikita Kasalapow ikisi 217,96 utuk toplap, bassyr 2-nji altyn medallaryny gazandylar. Bu görnüşde kümüş medaly 2019-njy ýylyň wise-çempionlary Aleksandra Stepanowa bilen Iwan Bukin eýeledi. Münberiň 3-nji basgançagyna Şarlen Ginýar bilen Marko Fabbri ikisi çykdy. Italiýaly türgenler 2019-njy ýylda-da 3-nji ýeri eýeläpdiler.



# Dukurs 12-nji gezek Ýewropanyň çempiony

Şweýsariýanyň Sankt Morris şäherinde geçirilen bobsleý hem-de skeleton boýunça Ýewropa çempionatynda germaniýaly hem-de latwiýaly türgenler öňe saýlandylar. Bobsleý boýunça erkekleriň arasyndaky iki adamly ýaryşda germaniýaly Françesko Fridrih bilen Torsetn Margis ikisi bassyr 3-nji, umumylykda 5-nji gezek ýeňiş gazandy. Fridrih 7-nji sapar Ýewropanyň çempiony boldy. Dört adamly ýaryşda latwiýalylar öňe saýlanyp, olar nemes hem-de russiýaly bobsleýçilerden gowy netije görkezdiler.

Zenanlaryň arasyndaky ýaryşda germaniýaly Mariama Ýamanka taý tapylmady. Jübütleýin bäsleşikde germaniýaly Kim Kaliçki bilen Lisa Bukwitz ikisi watandaşlaryndan öňe saýlanmagy başardy. Bu ugurda Mariama Ýamanka we Kira Lipperheide 2-nji orny eýelediler.

Skeleton boýunça ýaryşlarda erkekleriň arasynda bu ugruň ägirdi, 37 ýaşyndaky latwiýaly Martins Dukurs münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Bu onuň Ýewropanyň çempionatlaryndaky 12-nji çempionlygydyr. Skeleton boýunça zenan türgenleriň ýaryşynda Niderlandlardan Kimberli Bos altyn medalyň eýesi boldy.


Martins Dukurs

**PREMIER LEAGUE (22) — 24 gol**

**Braýton—K. Palas: 1–1** (Andersen 87 ö.d. — Gallaher 69), **Man. Siti—Çelsi: 1–0** (De Bruýne 70), **Wulwerhempton—Southempton: 3–1** (Himenes 37 p, Kodi 59, Traore 90+1—Ward-Prowz 84), **Norwiç—Ewerton: 2–1** (Kin 16 ö.d., Aýda 18 — Rişarlison 60), **Nýukasl—Watford: 1–1** (Sen-Maksimen 49 — Žoao Pedro 88), **Aston Willa—M. Ýunaýted: 2–2** (Remzi 77, Koutinio 82 — Bruno Fernandeş 6, 67), **West Ham—Lids: 2–3** (Bowen 34, Fornals 52— Harrison 10, 37, 60), **Liwerpul—Brentford: 3–0** (Fabinio 44, Oksleýd-Çemberlen 69, Minamino 77), **Býornli—Lester, Tottenham—Arsenal** (soňa goýuldy)

**SERIE A (22) — 28 gol**

**Sampdoriýa—Torino: 1–2** (Kaputo 18 — Singo 27, Prat 67), **Salernitana—Lasio: 0–3** (Immobile 7, 10, Lassari 66), **Ýuwentus—Udineze: 2–0** (Dibala 19, MakKenni 79), **Sassuolo—Werona: 2–4** (Skamakka 54, Defrel 67 — Kaprari 37, Barak 44, 57 p, 90+4), **Wenesiýa—Empoli: 1–1** (Okereke 73 – Žurkowski 26), **Roma—Kaliari: 1–0** (Seržio Oliweýra 23 p), **Atalanta—Inter: 0–0, Bolonýa—Napoli: 0–2** (Hirwing 20, 47), **Milan—Spesiýa: 1–2** (Leao 45+1 — Agudelo 64, Gýasi 90+6), **Fiorentina—Jenoa: 6–0** (Odriosola 15, Bonawentura 34, Biragi 42, 69, Wlahowiç 51, Torreýra 77)

**BUNDESLIGA (19) — 25 gol**

**Borussiýa D—Fraýburg: 5–1** (Mýonýe 14, 29, Holann 45+1, 75, Dahud 86 — Demirowiç 61), **Wolfsburg—Herta: 0–0, Köln—Bawariýa: 0–4** (Lewandowski 9, 63, 74, Tolisso 25), **Maýns—Bohum: 1–0** (Sen-Žýust 48), **Union Berlin—Hoffenhaým: 2–1** (Foglzammer 22, Prýomel 73 — Baumgartl 16 ö.d.), **Ştutgart—Leipsig: 0–2** (Andre Silwa 11 p, Nkunku 70), **Borussiýa M—Baýer: 1–2** (Elwedi 81 — Andrih 51, Şik 74), **Augburg—Aýntraht: 1–1** (Gregoriç 38 — Kamada 22), **Arminiýa—Groýter Fürt: 2–2** (Okugawa 8, Kastro 83 — Leweling 35, Nilsen 67)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 22 | 18 | 2 | 2 | 54-13 | 56 |
| 2 | LIWERPUL | 21 | 13 | 6 | 2 | 55-18 | 45 |
| 3 | ÇELSI | 23 | 12 | 8 | 3 | 46-18 | 44 |
| 4 | WEST HAM | 22 | 11 | 4 | 7 | 41-30 | 37 |
| 5 | TOTTENHAM | 19 | 11 | 3 | 5 | 26-22 | 36 |
| 6 | ARSENAL | 20 | 11 | 2 | 7 | 33-25 | 35 |
| 7 | M. ÝUNAÝTED | 21 | 10 | 5 | 6 | 35-30 | 35 |
| 8 | W. HEMPTON | 20 | 9 | 4 | 7 | 17-15 | 31 |
| 9 | BRAÝTON | 21 | 6 | 11 | 4 | 22-22 | 29 |
| 10 | LESTER | 19 | 7 | 4 | 8 | 33-36 | 25 |
| 11 | K. PALAS | 21 | 5 | 9 | 7 | 30-31 | 24 |
| 12 | SOUTHEMPTON | 21 | 5 | 9 | 7 | 25-33 | 24 |
| 13 | ASTON WILLA | 20 | 7 | 2 | 11 | 27-32 | 23 |
| 14 | BRENTFORD | 22 | 6 | 5 | 11 | 25-36 | 23 |
| 15 | LIDS | 20 | 5 | 7 | 8 | 24-39 | 22 |
| 16 | EWERTON | 19 | 5 | 4 | 10 | 24-34 | 19 |
| 17 | WATFORD | 19 | 4 | 2 | 13 | 23-37 | 14 |
| 18 | NORWIÇ | 21 | 3 | 4 | 14 | 10-45 | 13 |
| 19 | NÝUKASL | 20 | 1 | 9 | 10 | 20-43 | 12 |
| 20 | BÝORNLI | 17 | 1 | 8 | 8 | 16-27 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 16 |
| 2 | Diego ZOTA (Liwerpul) | 10 |
| 3 | Jeými WARDI (Lester) | 9 |
| 4 | Sadio MANE (Liwerpul) | 8 |
| 5 | RAFINÝA (Lids) | 8 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 21 | 15 | 5 | 1 | 51-16 | 50 |
| 2 | MILAN | 22 | 15 | 3 | 4 | 47-25 | 48 |
| 3 | NAPOLI | 22 | 14 | 4 | 4 | 39-15 | 46 |
| 4 | ATALANTA | 21 | 12 | 6 | 3 | 44-26 | 42 |
| 5 | ÝUWENTUS | 22 | 12 | 5 | 5 | 34-21 | 41 |
| 6 | FIORENTINA | 21 | 11 | 2 | 8 | 40-29 | 35 |
| 7 | ROMA | 22 | 11 | 2 | 9 | 36-28 | 35 |
| 8 | LASIO | 22 | 10 | 5 | 7 | 46-39 | 35 |
| 9 | TORINO | 21 | 9 | 4 | 8 | 29-20 | 31 |
| 10 | WERONA | 22 | 8 | 6 | 8 | 41-37 | 30 |
| 11 | EMPOLI | 22 | 8 | 5 | 9 | 35-43 | 29 |
| 12 | SASSUOLO | 22 | 7 | 7 | 8 | 38-37 | 28 |
| 13 | BOLONÝA | 21 | 8 | 3 | 10 | 28-35 | 27 |
| 14 | SPESIÝA | 22 | 6 | 4 | 12 | 23-42 | 22 |
| 15 | UDINEZE | 20 | 4 | 8 | 8 | 28-36 | 20 |
| 16 | SAMPDORIÝA | 22 | 5 | 5 | 12 | 29-40 | 20 |
| 17 | WENESIÝA | 21 | 4 | 6 | 11 | 19-38 | 18 |
| 18 | KALIARI | 22 | 3 | 7 | 12 | 21-43 | 16 |
| 19 | JENOA | 22 | 1 | 9 | 12 | 20-45 | 12 |
| 20 | SALERNITANA | 20 | 3 | 2 | 15 | 13-46 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Duşan WLAHOWIÇ (Fiorentina) | 17 |
| 2 | Çiro IMMOBILE (Lasio) | 17 |
| 3 | Jowanni SIMEONE (Werona) | 12 |
| 4 | Lautara MARTINES (Inter) | 11 |
| 5 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 10 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 19 | 15 | 1 | 3 | 61-18 | 46 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 19 | 13 | 1 | 5 | 49-29 | 40 |
| 3 | BAÝER | 19 | 9 | 5 | 5 | 44-31 | 32 |
| 4 | HOFFENHAÝM | 19 | 9 | 4 | 6 | 39-29 | 31 |
| 5 | UNION BERLIN | 19 | 8 | 7 | 4 | 27-24 | 31 |
| 6 | FRAÝBURG | 19 | 8 | 6 | 5 | 31-23 | 30 |
| 7 | LEIPSIG | 19 | 8 | 4 | 7 | 36-23 | 28 |
| 8 | AÝNTRAHT | 19 | 7 | 7 | 5 | 30-28 | 28 |
| 9 | KÖLN | 19 | 7 | 7 | 5 | 30-32 | 28 |
| 10 | MAÝNS | 19 | 8 | 3 | 8 | 27-21 | 27 |
| 11 | BOHUM | 19 | 7 | 2 | 10 | 17-27 | 23 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 19 | 6 | 4 | 9 | 25-35 | 22 |
| 13 | HERTA | 19 | 6 | 4 | 9 | 21-38 | 22 |
| 14 | WOLFSBURG | 19 | 6 | 3 | 10 | 17-30 | 21 |
| 15 | AUGSBURG | 19 | 4 | 7 | 8 | 19-30 | 19 |
| 16 | ARMINIÝA | 19 | 3 | 9 | 7 | 18-26 | 18 |
| 17 | ŞTUTGART | 19 | 4 | 6 | 9 | 22-33 | 18 |
| 18 | GROÝTER FÜRT | 19 | 1 | 4 | 14 | 15-51 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Bawariýa) | 23 |
| 2 | Patrik ŞIK (Baýer) | 18 |
| 3 | Erling HOLANN (Borussiýa D) | 15 |
| 4 | Antoni MODEST (Köln) | 12 |
| 5 | Taýwo AWONI (Union Berlin) | 9 |

# «ÇELSI» ÇEMPIONLYKDAN DAŞLAŞÝAR



Angliýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi oýnunda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Çelsini» Kewin De Bruýneniň ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňdi. Esasy 2 ýyldyzyny Afrika Milletler Kubogy ýaryşyna ugradan «Liwerpul» öz meýdançasynda «Brentfordy» 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Myhmançylykda «Aston Willa» bilen duşuşan «Mançester Ýunaýted» Bruno Fernandeşiň gollary esasynda 2–0 öňe saýlansa-da, olara bu üstünligini saklamak başartmady. Wagtyndan ir oýnalan 24-nji tapgyryň duşuşygynda «Çelsi» myhmançylykda «Braýton» bilen 1–1 deňme-deň oýnady. Çempionatda soňky 4 duşuşygynda ýeňiş gazanyp bilmedik «Çelsi» kem-kemden çempionlykdan daşlaşýar.

■ **«Milan» pursaty elden giderdi**

Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Atalanta» bilen golsuz deňme-deň oýnady. Bu olaryň soňky bir ýylyň dowamynda golsuz geçen ilkinji duşuşygy boldy (39 oýunda). «Interiň» söbügini basyp barýan «Milan» öz meýdançasynda «Spesiýadan» 2–1 hasabynda asgyn gelip, birinji orna çykyp bilmedi. Soňky minutda ýeňiş goluny geçiren «Spesiýa» toparynyň derwezeçisi birnäçe amatly pursaty sowmagy başardy. Oýunda «milanly» Teo Hernandes penaltini dürs urup bilmedi. «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Udinezeni», «Napoli» bolsa myhmançylykda «Bolonýany» 2–0 ýeňdi. «Sassuolony» myhmançylykda 4–2 ýeňen «Weronanyň» ýarymgoragçysy Barak het-trik etdi. Tälimçisi Andreý Şewçenkony wezipesinden ugradan «Jenoa» myhmançylykda «Fiorentinadan» 6–0 hasabynda asgyn geldi.


Zlatan Ibrahimowiç

■ **300 gol geçiren 2-nji futbolçy**

Germaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Bawariýa» myhmançylykda «Kölnden» 4–0 hasabynda üstün çykdy. Oýunda het-trik eden Lewandowskiniň «Bundesligada» geçiren gollarynyň sany 300-e ýetdi («Borussiýa Dortmundda» 74, «Bawariýada» 226). Ol Gerd Müllerden soň (365 gol) «Bundesligada» 300 gol geçiren 2-nji futbolçy boldy. Mýonýe we Holannyň hersiniň 2 gol geçiren oýnunda «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Fraýburgy» 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

# «Real Madridiň» 12-nji Super Kubogy



Ispaniýanyň Super Kubogy duşuşygynyň finalynda «Real Madrid» bilen «Atletik Bilbao» duşuşdy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýaddaky Şa Fahdyň adyny göterýän stadionda oýnalan finalda «Real Madrid» geçen ýylyň ýeňijisini 2–0 hasabynda ýeňdi. «Reala» ýeňiş getiren gollary 38-nji minutda Luka Modriç, 52-nji minutda-da penaltiden Karim Benzema derwezä girizdi. Oýnuň 86-njy minutynda «Real Madridiň» braziliýaly goragçysy Eder Militao jerime meýdançasynyň içinde topy eli bilen oýnany üçin gyzyl kart aldy. Bellenen penalti urgusyny bolsa Raul Garsiýa dürs ýerine ýetirip bilmedi. Şeýlelikde, «Real Madrid» 12-nji gezek Ispaniýanyň Super Kubogyny eýeläp, bu ugurda «Barselona» (13) bir ädim golaýlady. Şeýle-de, «Real Madrid» taryhyndaky 93-nji kubogyny gazandy.

## Bir sözlemde...

- Tennis boýunça erkekleriň arasynda Awstraliýada geçirilen «Sydney Tennis Classic» ýaryşynda russiýaly Aslan Karasew çempion bolup, ol finalda britaniýaly Endi Mýurreýden 2 setiň dowamynda 6:3 hasaplar bilen üstün çykmagy başardy.
- Tennis boýunça erkekleriň arasynda Awstraliýada geçirilen «Adelaide International 2» bäsleşiginiň finalynda ýerli Tanasi Kokkinakis bilen fransiýaly Artur Rinderkneh duşuşyp, awstraliýaly tennisçi 1-nji setde utulsa-da, soňky 2 setde garşydaşyndan üstün çykdy (6:7, 7:6, 6:3).
- Zenanlaryň arasyndaky «Sidney International» (Awstraliýa) tennis ýaryşynda ispaniýaly Paula Barbosa çempion bolup, ol finalda çehiýaly Barbora Kreýçikowany 2:1 (6:3, 4:6, 7:6) hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.
- «Adelaide International 2» zenanlar tennis bäsleşiginiň finalynda iki amerikaly tennisçi Madison Kiýz bilen Alison Risk duşuşyp, olaryň birinjisi 6:1 we 6:2 hasaplar bilen ýeňiş gazandy we karýerasyndaky 6-njy çempionlyk kubogyny eýeledi.
- Angliýanyň «Premier Ligasynyň» wekili «Ewerton» topary iýun aýynda wezipä bellän ispaniýaly tälimçisi Rafael Benitesi alnan şowsuz netijeler sebäpli 6 aýdan soň wezipesinden boşatdy (22 oýunda 7 ýeňiş, 10 ýeňliş).



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

## TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

### Hormatly söwda we hyzmat ediş nokatlarynyň eýeleri!

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky, söwda we hyzmat ediş nokatlarynyň eýelerine hem-de olaryň müşderilerine amatly şertleri döretmek maksady bilen, sanly bank önümi bolan «Halkbank terminal» atly täze hyzmatyň işe girizilendigini habar berýär.

«Halkbank terminal» – bu döwrebap we ygtybarly tehnologiýalaryň esasynda taýýarlanan hem-de nagt däl hasaplaşyklarda ulanylýan adaty töleg terminalynyň ýerini tutup biljek ykjam programma üpjünçiligidir. Siz «Halkbank terminal» mobil ulgamyny öz ykjam telefonyňyza gurnamak bilen, harytlar we hyzmatlar üçin tölegleri kabul etmek, amaly ýatyrmak ýa-da yzyna gaýtarmak, kassany ýapmak we söwdanyň jemi möçberini çykaryp görkezmek, amallaryň taryhyny görmek ýaly hyzmatyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilersiňiz.

Satyn alnan harydyň ýa-da hyzmatyň bahasy ykjam telefonyňyzda ornaşdyrylan «Halkbank terminal» mobil ulgamy arkaly girizilýär hem-de töleg geçirilýär. Ykjam telefonlarda NFC, ýagny galtaşyksyz töleg tehnologiýasy gurnalan bolsa, onda tölegi geçirmek üçin müşderiniň bank kartyny degişli telefona ýakynlaşdyrmak ýeterlikdir.

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz: **44-48-37, 44-49-27.**

**Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň döwrebap hyzmatlaryndan peýdalanyň!**




## Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана

На основании постановления Президента Туркменистана 942 от 12 октября 2018 года, «О финансовой поддержке производителей сельскохозяйственной продукции» **предлагает Вам следующие льготные кредиты:**

**Кредиты под 1% годовых сроком до 10 лет**

- на приобретение сельскохозяйственной техники, механизмов и инструментов, а также экскаваторов и бульдозеров, используемых в сельском и водном хозяйстве, водосберегающей техники, оборудования, поливных водопроводов

**Кредиты под 5% годовых сроком до 10 лет**

- для финансирования инвестиционных проектов, связанных с развитием животноводства и птицеводства, производством и переработкой сельхозпродукции и выполнением услуг.

### Развивайте свой бизнес в партнерстве с Внешэкономбанком Туркменистана!

Адрес: г. Ашгабад, пр. Гарашсызлык, 32
Телефоны для справок: 40-64-14, 40-64-16, 40-64-17, 40-64-18, 40-64-19, 40-64-20, 40-64-21, 40-64-27, 40-64-28, 40-64-29, 40-64-30, 40-64-31
круглосуточно: 40-60-08
www.tfeb.gov.tm




## GADYRLY OKYJYLAR!

*«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2022-nji ýylyň bäş aýlyk abuna ýazylyşygy dowam edýär! Gazetimize ýazylmak üçin «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!*




**INDEKSI 69477.**